Türkmenistanyň bilim ministrligi
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

**A.Hezretow**

# Maliýe hukugy

## Umumy bölüm

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň hukuk öwreniş hünäri üçin okuw kitaby**

**Türkmenistanyň bilim ministri tarapyndan hödürlenildi**

Aşgabat - 2010

Synçylar

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetiniň Konstitusiýa hukugy kafedrasynyň dosenti ýuridiki ylymlaryň kandidaty Marjykow B.A., Raýat hukugy kafedrasynyň dosenti ýuridiki ylymlaryň dosenti Jumaýew A.J.

# MALIÝE HUKUGY

Umumy bölüm. Okuw kitaby

A.Hezretowyň awtorlygynda taýýarlanyldy. Aşgabat – 2010ý.

Bu okuw kitaby hukuk öwreniş hünärmenler, dalaşgärler, ylmy işgärler üçin niýetlenendir. Okuw kitaby iki bölümden umumy we aýratyn bölümlerden ybaratdyr. Okuw kitabynyň umumy bölüminde maliýe hukugynyň umumy bölüminiň pudaklary häsiýetlendirilýär. Şol sanda, daşary ýurt döwletleriniň maliýe hukuk institutlaryna häsiýetnama berilýär: Türkmenistan döwletinde maliýe hukuk işi, maliýe hukugynyň predmeti we ulgamy, maliýe hukuk kadalary we gatnaşyklary maliýe hukuk ylmy, daşary ýurt döwletlerinde maliýe hukuk pudaklary we maliýe gözegçiligi. Ýokarda bellenen maliýe hukuk institutlarynda maliýe hukuk jähtden häsiýetnama berlen. Bu okuw kitaby ýeke bir hukuk mekdepleri üçin niýetlenmän, ykdysady we maliýe okuw mekdepleriniň talyplary we mugallymlary üçin hem niýetlenip bilner. Şol sanda, maliýe, salgyt, bank, ätiýaçlandyryş edaralarynyň hünärmenleri üçin we ýerli häkimýet hem-de geňeş agza işgärlerine  hem niýetlenip bilner.

# GIRIŞ

Garaşsyz hem Baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde,Mähriban Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Beýik Galkynyşlar we Täze Özgertmeler zamanamyzda ýurdmyzyň daşary we içeri syýasatynda uly özgertmeler dowam edýär. Ýurdumyz syýasy, ykdysady, medeni we dürli ugurlarynda uly üstünlikler gazanyldy. Bu üstünlikler Türkmen döwletimizi dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşdy. Milli Lidermiziň ýolbaşçylygynda halk hojalygynyň hemme pudaklarynda hem ýokary we durnukly üstünlikler gazanyldy.

Bu ösüş halkymyzyň durmuş, ýaşaýyş derejesini ýokary derejä göterdi. Döwletimiz we jemgyýetimiz hemme ugurlar boýunça irrogressiw ösüşe eýe boldy. Bu ösüşiň aýdyň şaýady bolup, 2009-njy ýylyň 21-nji noýabrynda Türkmenistanyň Mejlisiniň dördünji çagyryşynda Türkmenistanyň 2010-nji ýyl üçin Döwlet býujeti kabul edildi.

Türkmen döwletimiziň 2010-nji ýyl üçin kabul edilen Türkmenistanyň döwlet býujeti,,Türkmenistan döwletini 2020-nji ýyllar üçin ykdysady,syýasy we medeni taýdan ösdümekligiň baş ugur maksatnamasyny'' durmuşa geçirmäge gönükdirlendir.

Mälim bolşy ýaly, türkmen döwletimiziň ykdysady we syýasy taýdan ösmeginde, halk hojalygynyň pudaklarynda uly üstünlikler gazanyldy. 2010-njy ýyl üçin Türkmenistanyň döwlet býujetiniň umumy girdeýjisiniň görkezişleri 48,3 milýart manatdan ybaratdyr. Türkmenistan döwletimiziň döwlet býujetiniň serişdeleri sosial ugra gönükdirlendir. Döwlet býujetiniň umumy

göwrüminden serişdeleri bilim 4,3 prosent döwlet durmuş üpjünçilik ulgamyna 33,4 prosent ýaşaýyş jaý hojalygyna 10,4 prosent .

Türkmenistan döwletimizde maliýe pul karz,salgyt we býujet syýasatlary durmuşa geçirilýär. Bu syýasatlar döwletiň maliýe işleriniň esasy ugurlarydyr. Durmuşyň maliýe işini durmuşa geçirmekde maliýe hukuk kadalarynyň esasy orny bardyr. Türkmenistan döwletimizde kanunçylyk ulgamy kämilleşýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda 2007-nji ýylda Türkmenistan döwletimiziň kanunçylyk ulgamyny kämilleşdirmek barada, döwlet işçi toparlary döredildi. Bu topar tarapyndan kanunlary kämilleşdirmek barada uly işler alnyp barylýar.

Soňky döwürde ýurdumyzda maliýe gatnaşyklaryny kadalaşdyrmada maliýe hukuk kanunçylygy kämilleşmeli ýolunda. Bu bolsa, halk hojalygynyň pudaklarynda, döwlet häkimýet we hökümet edaralarynda, ýerli häkimýet edarlarynda, aýratyn raýatlaryň we telekeçileriň arasynda maliýe hukugyna uly üns döredýär. Maliýe hukugynyň ugurlary boýunça ylmy barlag işleri giňişlikde öwrenilýär. Türkmenistan döwletimizde ykdysadyýetde bazar ykdysady gatnaşyklary dowam edýär. Bazar gatnaşygy-bu esasan pul gatnaşygydyr. Bazar işlerinde pul ähli umumy ekwiwalentlige eýe bolup onuň derejesi ösýär.

Harytlary alyş-çalyş etmeklik pul aýlanşygy arkaly amala aşyrylýar. Döwletiň maliýe işi maliýe hukuk kadalary arkaly kadalaşdyrylýar. Sebäbi, maliýe kadalary döwletiň pul serişdeleriniň tygşytly ulanylmagyna gönükdirlen. Şonuň üçin, bazar ykdysady gatnaşyklarynyň

ylmy hökmünde, maliýe hukuk ylmy diýip atlandyrsak ýerlikli bolmagy mümkindir.

Döwletiň öňünde duran funksiýalary durmuşa geçirmek üçin, döwlet pul serişdesi ýagny býujeti mahsusdyr.

Býujet we býujetden daşary pul serişdeleri-býujetiniň girdeýjileri we çykdaýjylarydyr. Maliýe hukugynyň iň bir esasy we gadymy pudaklarynyň biri-salgyt hukugydyr.Maliýe hukugynyň kadalary döwlet we bank karzynyň gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar.

Türkmenistan döwletimizde Maliýe kanunçylyk ulgamy kämilleşýär. Onuň başlangyjynyň esasyna mysal edip,döwletimiziň salgyt hukuk gatnaşyklarynda ilkinji bolup Türkmenistanyň salgyt kodeksiniň kabul edilmegidir. Maliýe kanunçylygyny ösdürmek beýleki ugurlary boýunça düýpli işler alnyp barylýar. (býujet kodeksi) Şeýlelikde biziň bilşimiz ýaly,bu okuw kitabynda döwletiň maliýe işleriniň hemme ugurlaryna, esasan maliýe hukuk jähtden (býujet,salgyt,karz,ätiýaççylyk çykdaýjylar we ş. m.). institutlarynyň kanunçylyk ugurlary häsiýetlenýär. Şonuň bilen birlikde,maliýe hukuklarynyň umumy bölüminiň pudaklary hem häsiýetlendirilýär.

Okuw kitap ýokary okuw mekdepleriniň,ýörite okuw mekdepleriniň okuwçylary üçin,mugallymlar,ylmy işgärler üçin uly goldawnama bolýar. Bu okuw kitaby döwlet diwanynyň işgärleri,maliýe(salgyt,karz)edaralarynyň işgärleri üçin hem niýetlenip bilner.

Okuw kitaby hukuk ylymlary bilen meşgul bolýan mugallymlary dalaşgärler we doktorantlar üçin uly goldaw bolar, diýen umyt bar. Okuw kitaby boýunça degişli bellikleri, kitabyň aftoryna hödürlemegizi haýyş edýäris.

# BAP 1. DÖWLETDE MALIÝE IŞINIŇ HUKUK ESASLARY

## § 1. Maliýe işi barada düşünje

Her bir döwletde içerki milli önümi we milli girdeýjini bölmek we ony gaýtadan paýlamaklyk pul görnüşinde amala aşyrylýar. Maliýe diýlen düşünje, fransuz sözi ,,finanse“ sözünden gelip çykan, pul serişdesiniň toplumy bolup, döwletiň we kärhananyň ygtyýaryndan döredilýän,paýlanýan we ulanylýan serişdedir.

1. Döwletiň maliýe pul serişdesiniň gaznasy bolup material mazmuna eýedir.

Maliýe gös-göni jemgyýetçilik ykdysady gatnaşyk bilen baglanşykly bolýar,şonuň üçinem pul serişdesini paýlamakda we ulanmakda ýüze çykýar.

Maliýe diýen düşünje diňe bir pul serişdesiniň özi bolman,eýsem ol adamlaryň pul serişdelerini döretmekdäki we paýlamakdaky, adamlaryň gatnaşygyna hem aýdylýar. Maliýe jemgyýetçilik önümiň toplumy we milli girdeýjini paýlamakdan ulanylan ykdysady guramadyr

2. Maliýe we maliýe gatnaşyklary hökmany pul gatnaşyklarydyr. Ýöne hemme pul bilen baglanşykly gatnaşyklar maliýe bolup bilmez. Mysal üçin,aluw we satuw bilen baglanşykly pullar,önümi ibermeklik,dolandyryş jerimeler we ş.m.

Bu jemgyýetçilik gatnaşyklary raýat,dolandyryş we ş.m pudaklary arkaly kadalaşdyrylýar.

Adamzat jemgyýeti häzirki döwre çenli, döwleti dolandyrmaga ýeke täk guraly höküminde pul ulanylýar. Döwlet öz gezeginde pul serişdesini toplaýar,paýlaýar we ony ulanýar. Şonuň üçin, maliýe häzirki döwürde maglumat beriji çeşme bolup hyzmat edýär. Türkmenistan

döwletimizde, Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda bilime, medenýete,saglygy saklaýşa her döwletimiziň raýatlarynyň erkin ýaşamagy we dynç almagy üçin uly işleri durmuşa geçirýär.

Bu ugurlary ösdürmäge döwletimiziň maliýe serişdeleri ýeterlikdir.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde, Türkmenistan döwletimiziň halk hojalygynda ýokary üstünlikler gazanylýar. Türkmenistan döwletimiziň döwlet býujetiniň aglaba serişdeleri medeni we sosial çärelere gönükdirlendir.

Şeýlelikde, döwletiň maliýe işi döwletiň pul gaznasyny toplamakda, bölmekde we ony paýlamakdaky maliýe işine aýdylýar. Döwletiň pul serişdesi jemgyýetçilik ösüşi maliýeleşdirmek üçin ulanylýan serişdedir. Maliýe,edarasy geçip barýan býujeti ýyllaryň dowamynda täze býujet ýyly üçin girdeýjileri we çykdaýjylary meýilnamalaşdyrýarlar. Býujete girdeýjiň jemleri salgyt kanunynyň esasynda toplanýar we ol çeşmeleri kanun esasynda kesgitlenen ugurlara sarp edilýär.Býujetiň girdeýjisi çykdaýjylary kanunda kesgitlenen möçberde möhletde we degişli möhletçilerden toplanýar. Şeýlelikde, döwletiň maliýe işi-hökmanylykda meýilnamalaýyş işidir we şonuň üçin bu iş maliýe meýilnamasyna esaslanýar. Döwletdäki hemme pul merkezleşdirilmedik pul gaznalaryna bölünýär.

Merkezleşdirlen pul gaznasy ýada merkezleşdirlen maliýe-döwletiň ygtyýarynda jemlenýän pul serişdelerine aýdylýar. Munuň düzümine, býujetiň düzümindäki ähli pul serişdelerine aýdylýar. (döwlet ätiýaçlandyryşy döwlet we bank karz serişdeleri). Merkezleşdirilmedik pul gaznasy serişdeleri bolup dürli eýeçilikdäki edaralarynyň we guramalaryň maliýesine aýdylýar. Bu pul gaznalary birek-birek bilen jebislikde bolýandyr.

## § 2. **Maliýe ulgamy**.

Her bir döwletde maliýe ulgamy bardyr. Maliýe ulgamy öz içki düzümine arabaglanşykly institutlary we edaralary gurşap alýar.

Döwletiň maliýe ulgamy ykdysady gatnaşyklary bolup, özüne jemleýän bölekler arkaly döwletiň maliýe gaznasyny döredýär. Maliýe ulgamy döwrüň bütin ykdysadyýetini gurşap alýar. Türkmenistan döwletiniň maliýe ulgamy şu aşakdaky häsiýetlere eýedir.

A. Her maliýe ulgamynyň zwenolary toplum bilelikde pul serişdeleriniň gaznasyny döretmeklikde we ulanmaklygyna ýardam berýär.

B. Döwlet edaralaryny we guramalary öz ygtyýarlyk çäklerinde maliýe işini durmuşa geçirýärler. Döwletiň pul gaznasyny döretmekde we ony tygşytly ulanmakda maliýe ulgamynyň toplumy döreýär.

Türkmenistan döwletimiziň maliýe ulgamy şu aşakdaky hukuk institutlaryndan ybaratdyr.

1. Türkmenistanyň döwlet býujeti we onuň düzümi.
2. Ýörüteleşen maksatlaýyn gazna.
3. Döwlet eýeçilikdäki hojalyk subýektleriniň maliýesi.
4. Eýeçilik gaznalary.
5. Döwlet karzy.
6. Bank karz.

Türkmenistanyň maliýe ulgamynyň düzüminde iň esasany orna döwlet býujeti eýedir.

Döwlet býujeti maliýe ulgamynyň merkezi zwenosydyr. 3-wenosudyr.

Býujet maliýe resuslarynyň toplumy bolup, döwlet edaralary tarapyndan belli bir maksat üçin ulanylýan serişdelerdir. Türkmenistanyň döwlet býujeti pul serişdesiniň esasy gaznasy bolup merkezleşen we ýerli býujetlerden ybaratdyr. Türkmenistanyň döwlet býujetiniň düzümine ýöriteleşdirlen maksatlaýyn gaznadan we döwlet eýeçiligine esaslanan hojalyk subýektleriniň maliýe resurslary goşulýar.

Türkmenistanyň döwlet býujetiniň girdeýji bölümi ýuridiki hemde fiziki şahslardan ýygnalýan salgytlardan, ýygymlardan we beýleki hökmany töleglerden ybaratdyr. Türkmenistanyň döwlet býujetiniň çykdaýy ugurlary her öýdäki çykdaýjy ugurlara sarp edilýär. Türkmenistanyň býujet ulgamy hakyndaky kanunda Türkmenistanyň býujet ulgamy kesgitlenen Türkmenistanyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň esasynda maksatnamalaýyn ýörite gazna döredilip bilner. Maksatlaýyn ýörüte gazna belli bir maksada gönükdirlen döwletiň pul serişdesiniň gaznasydyr. Maksatlaýyn ýörüte gazna Türkmenistanyň maliýe ulgamynda täzeräk dörän gaznadyr. Başda ýagny 1990-njy ýyllarda býujetden daşarky gazna görnüşinde peýda bolýar. Soňra, nepaga gaznasy,ätiýaçlandyryş gaznasy we ş.m.

Häzirki döwürde maksatlaýyn gaznalar ulgam esasynda hem garap bolar;

a)Býujet ulgamynyň çäginden daşda emele gelen serişde .

b)Maksatnamlaýyn býujet gaznasy (ýörüte gazna ).

s)Merkezleşdirilmedik gazna .

Maksatnamalaýyn döwlet gaznasy döwletiň maliýe ulgamynyň pudagydyr. Türkmenistanyň býujet ulgamy

baradaky kanunynyň 9-nji maddasynda ýörüteleşdirlen maksatlaýyn gazna barada nagt alyp geçilýär. Maliýe ulgamynyň ýene bir zwenosynyň biri hem döwlet eýeçilik işlerinde esaslanan hojalyk subýektleriniň maliýe resuslarydyr. Türkmenistanyň maliýe ulgamynda kärhananyň maliýesi esasy orna eýedir. Her bir döwletiň ýaşaýşynyň durmuşynda orny uludyr.

Kärhananyň maliýesy ykdysady gatnaşyklarynyň görnüşi hökmünde pul gaznasyny döretmekde ,bölmekde we ulanmakda hojalyk subýektleriň önümçilik we durmuş ösüşleri üçin toplanýan pul serişdelerine aýdylýar.

Pul girdeýjileri bolup; satylan önümlerden gelen girdeýjilerden; işden,hyzmatlar,kärhananyň arassa girdeýjisi we ş.m.

Kärhananyň esasy maliýe gatnaşyklary harytlar satylanda gelýan girdeýjilerden,işden,hyzmatdan we edaranyň alýan arassa girdeýjisinden ybaratdyr. Kärhananyň girdeýjilerinden girdeýji salgytlar alynýar.

Harytlar,işler we hyzmatlar satylandan soňky kärhanalaýyn girdeýji çeşmeler.

Tutuşlaýyn girdeýji.

Arassa girdeýji.

1. Goşgaça gymmatyň üstüne artdyrylýan salgyt we aksiz
2. Çig mal sarp etme.
3. Zähmet tölegi.
4. Býujete salgytlar.
5. Býujete tölegler.
6. Bank karzynyň göterimleri.
7. Girdeýjiden alynýan salgyt.
8. Toplama gaznasy.

9. Sarp edilme gaznasy.

Döwlet kärhanalarynyň maliýe hukuk kadalarynyň esasynda ýüze çykýar, we ol hukuk gatnaşyk esasa eýe bolýar. Kärhanalar alýan girdeýjileriniň belli bir mukdaryny döwlet býujetine salgyt tölemeklik bilen maliýe hukuk gatnaşyklaryna subýekt görnüşinde gatnaşyjy bolýarlar.

a. Býujete salgyt tölemekdäki hukuk gatnaşygy (GGS Aksiz,girdeýji salgyt).

b. Salgyt däl tölegleri tölemekdäki hukuk gatnaşyklary(suwy ulanmakdaky töleg)

c. Ätiýaşçylyk töleglerini tölemekdäki hukuk gatnaşyklary.

d. Kärhananyň býujetden pul serişdesini almakdaky hukuk gatnaşyklary.

e. Kärhananyň içerki özüniň maliýe serişdelerini meýilnamalaşdyrmakdaky we ulanmakda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary.

Her bir döwlet kärhana özleriniň serişdelerini,emläklerini kanun esasynda tygşytly we operatiw dolandyrmak hukuklaryndan peýdalanýar.

Maliýe ulgamynda aýratyn orun hökmany we meýletin ätiýaçlandyrýaş tutýar. Emläk we şahsy ätiýaçlandyryş saglygy goraýyş meýletin ätiýaçlandyryşypdyr. Her bir döwlet tebigy betbagtçylykdan goranmalydyr.

Tebigy betbagtçylygyň täsirini aradan aýyrmak üçin goşmaça pul gaznalary döredilýär. Bu iş döwletiň esasy funksiýalarynyň biridir. Tebigy heläkçiligiň täsirini dikeltmek maksada eýedir;ýitginiň öwezini dikeltmek;ätiýaçylyk halat üçin tölegleri

bermeklik;goşmaça maliýe serişdelerini toplamaklyk, raýatlaryň ömrüni we emlägini ätiýaçlandyrmak hökmany döwlet atiýaşlandyrşy arkaly amala aşyrylýar. Atiýaşlandyryş pul serişdeleri döwlet býujetiniň girdeýji böleginiň goşmaça serişdeleridir. Türkmenistanyň býujet ulgamyň kanunyň esasynda, merkezi býujetiň serişdesinde tebigy betbagtçylygyň ýitgilerini aýyrmak işleri üçin ýörüte gazna döredilip bilner diýlip, kanunyň 7-nji maddasynyň dördünji bendinde nygtalýar. Döwlet karzy ykdysady gatnaşyklaryň bir görnüşi hökmünde döwletiň pul gaznasyna yzyna gaýtarylmýan şertler bilen,möhleti we meýletin görnüşinde toplanýan pul serişdesine aýdylýar. Döwlet karzy döwlet býujetiniň gytak görnüşindäki girdeýji jemlemesidir. Bu hukuk gatnaşyklarynda döwlet ilatyň  artykmaç pul serişdeler bank edaralarynda yzyna gaýtaryp bermeklik şerti bilen, belli bir möhleti we meýilleşdirlen görnüşinde bolýar. Döwlet bu hukuk gatnaşygynda girew goýum beriji bolup, ilat bolsa algydar hökmünde çykyş edýär.

Bank karzy- ykdysady gatnaşygyň bir görnüşi bolup ýuridiki we fiziki şahslara banklar belli kesgitlenen wagta , wagtlaýyn berilýän pul serişdelerine aýdylýar. Bank karzy pul serişdelerini toplamaklykda köptaraplaýyn işdir. Bank edaralary özleriniň açyk hasabatyny şotlaryndaky pul serişdelerini wagtlaýyn ýuridiki hem fiziki şahslara karz görnüşinde hödürleýär. Häzirki bazar ykdysady gatnaşyklarynda bank hukugynyň obýektleri we subýektleri mukdar taýdan köpeldi. Türkmenistan döwletimizde bank ulgamy düýpli özgerdi. Özgertmeler barada degişli banklarda nygtalyp  geçilýär.

## § 3. Maliýe işini amala aşyrýan döwlet edaralary.

Döwlet maliýe işini özüniň ygtyýarly edaralary tarapyndan dolandyrylýar. Döwletiň hemme edaralary maliýe işi bilen meşhur bolýar. Umumy ygtyýarly edaralary ýokary wekilçilikli we ýerine ýetiriji döwlet häkimýet edaralary hemme maliýe işini dolandyrýar. Býujet, salgyt, pul-karz ulgamyny ätiýaçlyk, walýuta- pul aýlawlaryny gümrik kadalaryny, karz pullaryny çykarmagyna ýolbaşçylyk edýär. (Türkmenistanyň konstitusiýasynda 57-63-nji maddalary).

Türkmenistanyň mejlisi kanun çykarýan (wekiljilikli)edara hökmünde, Türkmenistanyň býujetini, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary geňeşler býujetine seredýärler, ara-alyp maslahatlaşýarlar we tassyklaýarlar.

Türkmenistanyň hökümeti döwlet býujetini taýýarlaýar we ony wekilçilikli edaralara hödürleýär, hemde býujetiň ýerine-ýetirilşine umumy ýolbaşçylyk amala aşyrylýar.

Döwletiň maliýe işini amala aşyrmagyna gözegçilik edýän ýörüte ygtyýarlykly edaralar iki topara bölünýärler.

1). Döwletiň maliýe işini özüniň ýerine ýetirýän funksiýasynyň esasyndaky döwlet edaralary. Bu topara hemme Türkmenistanyň ministirlikleri, komitetleri, wedomstwalary, dolandyryş edaralary, hojalyk subýektleri.

Olar býujet serişdelerini sarp edýärler;öz tabynlygyndaky edaralarynyň girdeýjisini kesgitleýärler. Çykdaýjylaryny tassyklaýarlar, ýörüte hukuk namalar arkaly kadalaşdyrylýar.

2). Ýörüte ygtyýarlyklar döwlet edaralary-bular üçin maliýe işiň esasy şu diýlip hasaplanylýar. Bu edaralar döwletiň maliýe işine we maliýe gözegçiligini amala

aşyrmak üçin niýetlenen edaralar. Maliýe edaranyň ulgamynda Türkmenistanyň maliýe Ministrligiň esasy orna eýedir. Türkmenistanyň maliýe Ministrligi döwletimizde maliýe býujetini, salgyt we walýuta syýasatyny durmuşa geçirýär. Türkmenistanyň maliýe Ministrliginiň esasy meselesi onuň Düzgünnamasynda kesgitlenen;

1. Türkmenistanyň býujet ulgamyny kämilleşdirmek;

2. Türkmenistanda ýeke-täk maliýe býujeti salgyt we walýuta syýasatyny işläp düzmeklik we durmuşa geçirmeklik;;

3. Maliýe resuslaryny durmuşa we ykdysady ugurlara gönükdirmek;

4. Türkmenistanyň döwlet býujetiniň taslamasyny düzmeklik we ýerine ýetirmeklik tertipleýin ýagdaýda merkezi býujeti düzmeklik we onuň hasabatyny tassyklamaklyk.

5. Türkmenistanyň içerki we daşarky bergileriniň kesgitlenen tertiplerini döwlet tarapyndan dolandyrmagyň meýilnamasyny düzmeklik.

6. Maliýe bazarlarynyň gatlagyny ýeke-täk syýasy arkaly düzmeklik we ony durmuşa geçirmeklik.

7. Býujetini ýerine ýetirmek barada metodologiýany düzmek.

8. Döwlet çäginde berlen ygtyýarlyklaryň esasynda maliýe gözegçiligi amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň maliýe Ministrligine üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmekdäki alyp barýan işleri.

1. Türkmenistanyň býujet ulgamyny kämilleşdirmek baradaky teklipleri taýýarlanan we ony durmuşa geçirmek.

2. Ýurdy ykdysady we sosial taýdan ösdürmek üçin gysga we uzak wagtlaýyn meýilnamalary düzmeklik.

3. Türkmenistanyň pul-karz syýasatynyň esasy ugurlaryny taýýarlama gatnaşmaklyk.

4. Nyrh syýasatyny döretmek we durmuşa geçirmeklik.

5. Türkmenistanyň döwlet býujetini düzmeklik we ýerine ýetirilşini üpjin etmeklik.

Türkmenistanyň maliýe Ministrligi öz ygtyýarlyklarynyň çäginde kanunçylygyň esasynda, buýruklar genetrusiýalary we gaýra hukuk namalaryny kabul edip bilýär.

Döwletiň maliýe işini amala aşyrýan ýörüte edaralaryň arasynda Türkmenistanyň Merkezi bankydyr. Bu edara döwletiň bank işini durmuşa geçirýän edaradyr. Türkmenistanda Merkezi bank ýeke-täk merkezidir. Bu edara Türkmenistanyň hökümeti, bilen döwletiň pul we pul aýlanşyny syýasatyny kesgitleýär. Merkezi bank tabynlygyndaky banklar gözegçiligini edýär we olara ygtyýarlyknama berýär.

Döwletiň maliýe işine gözegçiligi edýän edaralaryň düzüminde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy edarasy aýratyn orna eýedir. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2005-nji ýylyň noýabr aýynyň 25-de. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumaty 10.9.1993ý.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy edarasynyň Düzgünnamasynyň permany bilen tassyklanýar. Düzgünnama esasynda, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gulluk edarasy döwletimiziň salgyt syýasatynda kadalaşdyrylýandyr, gatlaklaýyn kadalaşdyrylýar we dolandyrylýar. Bu edaranyň esasy ýerine ýetirýän işi

Türkmenistan döwletiniň döwlet býujetini salgytlaryň we hökmany tölegleriň göwrüminde kanunda kesgitlenen wagtynda tölenmegine maliýe gözegçiligini amala aşyrylýar. Şol sanda, Türkmenistanyň döwletiň döwlet býujetine taslamasyny düzmekde işeňňir gatnaşylýar.

Maliýe (salgyt) kanunçylygyny berjaý etmedik taraplara maliýe sanksiýalaryny ulanylýar. Ýerlerdäki salgyt salgyt barmaklaryny amala aşyrylmagy bilýär.

Her bir edaranyň düzüminde içerki hojalyk maliýe gözegçilik amala aşyrylýar. Bu gözegçilik, degişli edaralarda maliýe serişdeleriniň sarp edilişine gözegçilik edýär. Içerki hojalygyň işinde maliýe gözegçilik işlerini edaranyň baş bugalteriýasy tarpyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň ,,Buhgalteriýataýdan hasaba almak hakynda”, kanunyň esasynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-ýylyň 14-fewralynda çykaran buýrugy esasynda ,,baş buhgalterler” hakynda düzgünnama kabul edildi. Bu Düzgünnama laýyklykda, baş buhgalterleriň wezipeleri kesgitlenildi. Olar býujetden daşary gaznalarynda ministrlikde we pudaklaýyn dolandyryň edaralarynda, şol sanda assosiýalarda korporasiýalarda we konsernlerde welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäherleriniň häkimliklerinde, şehle hem döwletiň paýy prosentdäki köp bolan paýdarlar jemgyýetinde we bilelikdäki kärhanalarda maliýe serişdesini rejeli peýdalanmaga gözegçilik edýär.

Kärhana edaralary kanuna laýykda maliýe hojalyk işiniň netijelerini takyk hasaba alýar. Türkmenistanyň döwlet býujetiniň tölegleriniň, döwlet durmuşy ätiýaçlaryndyrmasyna banklara sudalar boýunça beýlekileriň bellenilen möhletlerde üzülmegine, serişdelerini üpjün edýär. Baş bugalterler maliýe hojalyk

işini düzgünleşdirýän, kadalarynyň, we düzgünleriniň we düzgünleriniň bozulan halatynda degişli jogapkärçilik çekilip bilner.

# BAP 2. MALIÝE HUKUGYNYŇ PREDMETI WE ULGAMY.

## §1. Maliýe hukugynyň predmeti barada umumy düşünje we onuň hukuk ulgamynda tutýan orny.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde Täze Galkynyş we Beýik Özgertmeler zamanynda halk hojalygynyň ähli pudaklarynda uly depginler we ösüşler gazanylýar. Bu ösüşler Türkmenistan döwletimizi ykdysady we sosial taýdan ýokary üstünliklere getirdi. Döwletimisde preogressiw özgertmeler dowam edýär, bu ugurda ykdysady ösüşler durnukly taýdan ýokary ösýär. 2009-njy ýylyň 29-njy noýabrynda Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň mejlisinde Türkmenistanyň 2010-njy ýyl üçin döwlet býujeti barada kanun kabul edildi. Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň 2008-nji ýylyň býujetiniň ýerine ýetirilişiniň hasabaty barada kanun kabul edildi. 2010-njy ýylyň Döwlet býujetiniň umumy görkezijisi 48,3 mlrd manatdan bolmalydyr. Döwlet býujetinde salgytlar we beýleki tölegler 8,1 mlrd manatdan ybarat bolar. 2009-njy ýylyň döwlet býujetine garanyňda 2010-njy ýylda Döwlet býujetine gönükdirilýän salgytlaryň we tölegleriň umumy görkezijisi ýokarlanar.

Döwletimiziň býujetiniň aglaba serişdeleri sosial-durmuş ugurlara gönükdirilýär (ylym we bilim ugurlaryna, saglygy goraýyş, medeniýet, döwlet durmuş üpjünçiligi we ş.m.).

Türkmenistan döwleti maliýe görkezijileri boýunça ösen döwletdir. 2009-njy ýylyň 27-nji noýabrynda

Türkmenistanyň prezidenti “Türkmenistanda aýlyk haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp haklarynyň möçberini ulaltmak” barada Perman kabul etdi. Bu Permana laýyklykda Türkmenistanda 1-nji ýanwardan aýlyk haklaryny, zähmet pensiýalaryny, döwlet kömeklerini, Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlaryň pensiýelerini, talyplaryň talyp haklaryny, hojalyk hasaplaýyş edaralarynyň işgärleri, Jemgiýetçilik birleşikleriniň Döwlet býujetiniň serişdelerinden maliýeleşdirilýän ugurlary boýunça 10% ýokarlandyryldy.Bu döwlet we halk bähbitli işleri durma geçirmekde belli bir derejede maliýe hukuk kadalarynyň hem uly orny bardyr.Döwletiň maliýe işini amala aşyrmakda maliýe hukuk gatnaşyklary ýüze çykýar, bu gatnaşyklar maliýe hukugynyň predmeti bolup çykyş edýär. Bu hukuk gatnaşyklary özüniň ýuridiki düzümi boýunça örän çylşyrymly gatnaşykdyr. Bu gatnaşygyň düzümine birnäçe görnüşli gatnaşyklar jemlenýär.(býujet, salgyt, karz hasaplaýyş bilen)

Döwletiň maliýe işi amala aşyranda döwlet häkimiýet we hökümet edaralarynyň üçti we goldawy arkaly birnäçe kärhanalar, edaralar, birleşikler, guramalar daýhan birleşikler, daşary ýurt ýuridiki we fiziki şahslar bilen gatnaşykda durýar. Bun subýektler önümçilik we zähmet gatnaşyklary netijesinde maliýe gatnaşygynda durýarlar.

Maliýe hukugy ýokarda ýüze çykýan gatnaşyklaryň netijesinde ýüze çykýar. Maliýe hukugynyň predmeti bolup şu aşakdaky hukuk gatnaşyklary çykyş edýär:

1. Döwletiň býijetini toplamakda we ony býujet ulgamynyň gatnaşyklarynyň arasynda tygşytly ulanmakda hem ony paýlamakda;

2. Döwletiň maliýe bähbidini goramak, döwlet häkimiýet we hökümet edaralarynyň arasynda maliýe işleri bilen baglanyşykly gatnaşyklar;

3. Maliýe edaralarynyň arasyndaky ( Türkmenistanyň maliýe, ykdysady ministrlikleri, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň döwlet baş salgyt gulluk edarasy, Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlyk edarasy we ş.m.)

4. Döwlet kärhana edaralarynyň ýokary we ýerli edaralarynyň arasyndaky maliýe hukuk gatnaşyklar;

5. Bir tarapdan kärhanalar we edaralar, beýleki tarapdan maliýe karz edaralarynyň gatnaşyklarynyň arasyndaky;

6. Maliýe (salgyt) edaralary bilen raýatlaryň arasynda salgydy tölemeklik meselelerindäki gatnaşyklar;

Bu ýokarda bellenen gatnaşyklar özüniň ýuridiki düzümi esasynda çylşyrymly gatnaşyklardygyny kesgitleýär.

Maliýe hukugy milli hukuk pudagy hökmünde özüne mahsus hukuk alamatlara eýedir. Her bir milli pudak şu aşakdaky mahsus hukuk alamatlara eýedir:

1) Hukuk pudagynyň predmeti;
2) Hukuk pudagynyň usuly(metody);
3) Hukuk pudagynyň çeşmeleri;

Şu ýokarda kesgitlenen alamatlar arkaly milli hukuk pudaklary birek-birekden predmet arkaly tapawutlanýarlar. Maliýe hukugy Türkmenistan döwletiniň hukuk ulgamynda özüniň predmeti we usuly boýunça aýratyn we özbolușly orna eýedir.

Her bir hukuk pudagynyň predmetini kesgitlemek üçin we onuň beýleki pudaklardan serhedini çäklendirmek üçin hökmany suratda onuň predmetini kesgitlemeli, sebäbi maliýe hukugynyň predmeti döwletimizde maliýe işini amala aşyrmakda ýüze çykýan jemgiýetçilik gatnaşyklarnyy kadalaşdyrýar. Maliýe hukugynyň kadalary döwletiň maliýe işinde ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrmaklyga gönükdirilen. Maliýe hukugynyň kadalary döwletiň maliýe serişdelerini tygşytly ulanmaklyga gönükdirilendir.

Maliýe hukugynyň usuly(metody) dolandyryş hukugy bilen baglanyşyklydyr. Maliýe hukugy dolandyryş hukugynyň usulyny ulanýar. Sebäbi maliýe hukuk gatnaşygynda gatnaşyjylar (subýektler) hukuk gatnaşygynda deňlige eýe däldir. Dolandyryş hukugy maliýe hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaýar. Maliýe hukuk gatnaşyklarynyň aýratynlygy hem döwletiň maliýe işini durmuşa geçirmekdäki ýüze çykýan gatnaşyklary kadalaşdyrmakdan ybaratdyr. Maliýe hukugynyň gatlagyu döwletiň maliýe işine gönükdirilendir. Birnäçe başlangyç görkezmeler şonuň ühhin döwletiň ygtyýarly edaralary tarapyndan kabul edilýär. Döwletiň ygtyýarly edarasy kökümünde maliýe-karz edaralary çykyş edýärler. Bu döwlet edaralary birek-biregi bilen arabaglanyşykda bolýarlar. Bu edaralar dolandyryş hukugynda bolşy ýaly gös-göni tabynlykda bolmaýarlar. Semäbi maliýe

edaralaryny dolandyrmak üçin maliýe hukuk kadalarynda mazmun görnüşinde ykdysady esaslar çykyş edýärler. Maliýe hukuk kadalary döwletiň maliýe işini amala aşyrmaklygy degişli edaralardan berk talap edýär. Şeýlelikde maliýe hukugy hukuk kadalarynyň toplumynyň jemi bolup, döwletiň maliýe işini amala aşyrmakdaky jemgiýetçilik gatnaşyklarynyň jemine aýdylýar.

Maliýe hukugynyň aýratyn milli hukuk pudagy höküminde we sowet hukuk ulgamynda tutýan orny barada geçen asyryň 60-70-nji ýyllarynda dürli ylmy çekişmeler bolupdy. Ýagny, R.O Haýfina şol döňwürlerde maliýe hukugynyň aýratyn pudakdygyny ylmy jähetden subut edipdir. Ýöne ol maliýe hukugynyň döwlet we dolandyryş hukuklaryndan gelip çykan diýip nygatpdyr. Bu ýagdaýy ilkinjiler bolup R.O. Haýfina 1952-nji ýylda webu ylmy garaýşy B.N, Iwanow, M.I.Pişotin, 3) S.D. Sypkin ýaly alymlartopary goldaw etdiler. Beýleki bir topar alymlaryň kesgitlemesine boýunça, E.A. Rowinekiý, M.A.Gurwiç, S.I.Wilnýanskiý, N.I.Himiçewa maliýe hukugy özbaşdak hukuk pudakdyr diýip nygtapdyr. 1976-njy ýylda W.W. Besçerewnyhyň “Kompetensiýa Soýuza SSR w oblasti býudjeta” atly meşhur ylmy işinde awtor şeýle netijä gelýär. Maliýe hukugy hiç haçan döwlet we dolandyryş hukuklaryndan gelip çykmandyr. Ol pudaklar bilen bir wagtda hukuk pudak ýoluna düşüpdir diýen netijä gelýär. Elbetde bu ylmy çekişmeler häzirki döwre çenli wajyp mesele bolup durýar. Şonuň üüçin maliýe hukugynyň hünärmentleri tarapyndan bu meseläni öwrenmek häzirki döwre çenli dowam edýär. Karasewa M.N, tarapyndan “Finansowoe prawo(obşaýa çast) atly okuw kitabynda ýene-de täze netijä gelýär. “mailýe hukugynyň konstitusion

we dolandyryş hukuklaryndan tapawutlygy, ol pudaklardan gelip çykyp, soňra pudak ýoluna düşen ylymdyr” diýen ylmy netijä gelýär. Hudýanow A.I. alym özüniň “Osnowy teoriýi finansowogo prawo” atly 1995-nji ýylda çao eden kitabynda şeýle netijä gelýär: “Onda döwlet onuň maliýesi we maliýe hukugy biri birine mahsus bolup tejribe nukdaýnazardan bir wagtda döreýändir diýen ylmy netijä gelýär. Hudýanow A.I. tarapyndan ýokarda nygtalan pozisiýany “Problemi teoriýa finansowogo prawo” atly okuw kitabynda P.Patsursiwskiý goldaýandygyny nygtap geçýär. Şeýlelikde maliýe hukugynyň nazaryýetinde alymlar W.W. Besçerewnyh ,soňra A.I.Hudýanow we P.Patsurkewskiý ýaly alymlaryň nazary düşünjelerine goşulýarys. Dogrudan hem konstitusion, dolandyryş we maliýe hukuklary bilelikde döredilер we bir wagtda hukuk ýoluna düşdüler. Hukuk nazaryýeti jähetinde her bir pudagyň hökmany belli bir gatnaşyklary kadalaşdyryş ugurlary ýaly, onuň predmeti we onuň usuly bolmalydyr. Hukuk pudagynyň usuly onuň predmetine tabyn bolýandyr. Biziň pikirimizçe häzirki döwürde hem ýagny, bazar ykdysady gatnaşykary döwründe hem ýokarda gozgalan meseleler örän wajypdyr. Ýöne şun ýerde bir meseläni bellemeklik hem ýerliklidir. Maliýe hukugynyň institutlary bolan salgyt we karz döwlet bilen bir wagtda döreýän jähetdir, ýagny alamatdyr. Şonuň üçin bu alamatlar döwletiň syýasy häkimligini saklamak üçin ulanylýan guraldyr.

Maliýe hukugy aýratyn hukuk pudak bolup resmi hukuk toparyna hem goşulyp biler. Bu taglymaty daşary ýurt alymlary tarapyndan ykrar edilýär. Daşary ýurtly alym P.M. Godme özüniň “Финансовое право” atly okuw

kitabynda maliýe hukugynyň döwlet we dolandyryş hukuklaryndan gelipçykandygyny beýan edýär we onuň alamatlaryny subut edýär. Awtor netijede, ykdysadyýet we syýasat kadalaryň iki tarapynyň durmuşyny kesgitleýär; şonuň üçin maliýe hukugy aýratyn pudakdyr diýen düşünjäni goldaýar.

Maliýe hukugy hemme pudaklar bilen hyzmatdaşlyk edýär. Mysal üçin arassa bazar gatnaşyklary, pul serişdesini ulanmakdaky deň taraplar, edaralaryň içerki maliýe gatnaşyklary, banklaryň içerki işleri, ätiýaçlandyryş guramalaryň haryt we pul gatnaşyklary raýat we hojalyk hukuklarynyň kadalary bilen kadaldyrylýar.

Maliýe hukugy jähetden bu hukuk gatnaşyklar şu aşakdaky halata eýedir:

a) Maliýe hukuk kadalar döwlete pul serişdelerini mobilizlemäge, toplamaga ýardam berýär;

b) Maliýe hukuk namalarynyp esasynda döwletiň pul serişdelerini, döwletiň içerki we daşarky syýasatyny durmuşa geçirmäge ýardam edýär.

c) Maliýe hukuk kadalarynyň esasynda hukuk gatnaşyklary döreýär, üýtgeýär hem togtaýar.

Şeýlelikde, ýokarda bellenen gatnaşyklar raýat, hojalyk hem maliýe hukuk gatnaşyklarynda predmet hökmünde çykyş edip biler. Ýöne şu bawatda bir halaty belläp geçmek hökmanydyr. Döwletiň diwanyny ýagny, edaralaryny saklamak üçin hojalyk bazaryndan girdeýji çeşmeleri salgyt görnüşinde toplanýar. Döwletiň diwany maliýe serişdeden degişli pul serişdeesini döwletiň syýasy, ykdysady we durmuş ugurlaryna sarp edýär. Bu maliýe işleri maliýe hukuk kadalary arkaly amala aşyrylyp bilner.

Maliýe hukugynyň kadalarynyň esasy bolup, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kadalary bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň degişli madalarynda konstitusion esaslar barada nygtalýar(54, 64, 76,87).

Konstitusion düzgünler hereket edýän maliýe hukuk kanunçylygynyň ýuridiki esasy bolup hyzmat edýär. Beýleki tarapdan maliýe hukuk kadalary döwletiň pul serişdelerini toplamakda, paýlamakda we ulanmakdaky gatnaşyklary kadalaşdyrýar.

Konstitusion hukuk kadalar döwletiň ygtyýarly, wekilçilikli we ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, döwlet býujetini, onuň salgyt we girdeýji, döwlet karzy, ätiýaçlandyryş, pul we karz ulgamyny, olaryň umumy ýörelgelerini hem-de ýagdaýlaryny maliýe işi babatlykda kesgitleýär. Býujet we salgytlar, karz hem-de pul aýlanyşygy Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň degişli maddalarynda nygtalyp geçilýär.

Şeýlelikde netijä gelenimizde maliýe hukugy ýeke täk hukuk pudak ylmy höküminde döwletiň maliýe işini amala aşyrmakda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan aýratyn milli pudak ylmydyr.

## § 2.Maliýe hukugynyň ulgamy

Döwletiň maliýe işini kadalaşdyrýan hukuk kadalary maliýe hukugynyň içerki pudaklaryna, ýagny, içerki institutlara bölünýär. Maliýe hukuk institutlary birek-birek bilen baglanyşykly bolýarlar. Her institut belli bir gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Şonuň üçinem, bu institutlara maliýe hukugynyň içki pudaklary diýlip atlandtrylýar. Olar obýektiw halatda hereket edip, döwletiň maliýe işini amala aşyrmaga ýardam edýär. Sebäbi maliýe hukuk kadalary döwlet tarapyndan kesgitlenýär. Şol sebäpden maliýe hukugy ulgam esasynda iki bölekden ybarat bolýar. Umumy we aýratyn bölümlerden durýar. Umumy bölüminde maliýe hukugynyň kadalarynyň umumy ýörelgeleri kesgitlemek, döwketiň maliýe işiniň hukuk esaslarynda şekili we usullaryny . Döwletiň maliýe işine gözegçiligi amala aşyrýan edaralar, olaryň hukuk ýagdaýy maliýe hukuk gatnaşygynyň gatnaşyjylaryny (subýektleriniň) hukuk ýagdaýy. Bu ulgamyň bölümi maliýe gözegçilik bilen jemlenýär.

Maliýe hukugynyň aýratyn bölümi aýratyn ylmy tertipde esaslanan we yzygiderlik esasda institutlardan ybaratdyr.

Maliýe hukugyny aýratyn bölümiň başlangyç institutynyň biri – býujet hukugydyr. Sebäbi býujet ulgamy döwletiň maliýe işini durmuşa geçirmek üçin döwlet maliýe serişdeleri ulanylýar.

Türkmenistan döwletiniň maliýe ulgamynda iň esasy orna döwlet býujeti eýedir. Bu babatlykda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk esaslary bolup,

maliýe hukugynyň esasy pudagy höküminde býujet hukugy çykyş edýär.

Býujet – döwletiň girdeýjisi we çykdaýjysydyr, şonuň üçinem maliýe hukugynyň indiki pudagy döwletiň girdeýji institutydyr. Bu institutyň kadalary salgyt hukuk gatnaşyklarynda ýurifiki hem fiziki şahslardan salgyt almaklygyňtertiplerini kesgitleýär. Döwletiň girdeýji instituty özüne birnäçe maliýe hukuk kadalaryny jemleýär. Şonuň bilen hatarda döwlet karz we ätiýaçlandyryş hukugynyň institutlary hem maliýe hukugynyň institutlary bolup hyzmat edýärler.

Maliýe hukugynyň esasy masalalariniň biri girdeýji çeşmelerini ýerlikli we maksada laýyk ulanmaklykdyr. Şonuň üçinem döwlet girdeýjiler institutynyň yzy syrasyndan döwlet býujetiniň çykdaýjylarydyr. Täze topara býujet maliýeleşdirmek,bank karzlaşygy we döwlet ätiýaçlandyrylyşy degişlidir. Şu pursatda bir zady bellemeklik gerek ýagny, bank karzy gaty ýiti çykşyrymly hukuk düşünjesidir. Sebäbi döwlet bank ulgamy arkaly pul serişdelerini toplaýar(akkumlirleýär)we olary çykdaýjy ugurlara sarp edýär. Şeýlelikde bank karzy bir bawatda girdeýjiler instituty bolup hem çykdaýjylar instituty bolup hem hyzmat edýär.

Maliýe işi – bu pul serişdesi bilen alynyp barylýan işdir. Şonuň üçinem maliýe işi pul we pul aýlanyşygy bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin pul we pul aýlanyşygy hem walýuta kanunçylygy maliýe hukugynyň içki pudaklarydyr(institutlarydyr).

Bank işinde wajyp meseläniň biri hem hasaplaýyş instituty çykyş edýär. Şonuň üçin maliýe hukugynda hasaplaýyş gatnaşyklary aýratyn instituta eýedir. Maliýe

hukugynyň umumy we aýratyn bölümleri maliýe hukuk ylmyny öwrenmeklige ýardam berýändir.

## 3.Maliýe hukugynyň çeşmeleri.

Maliýe hukugynyň çeşmeleri bolup Türkmenistanyň Konstitusiýasy, kanunlar we gaýry hukuk namalary, ýerli häkimiýetleriň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryň, Geňeşleriň hukuk namalary çykyş edýär. Bu çeşmeleriň toplumy jemlenip maliýe hukuk kanunçylygyny döredýär. Maliýe hukugynyň iň esasy baş çeşmesi bolup Türkmenistanyň Konstitusiýasy çykyş edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy makiýe kanunçylygyny kämilleşdirmek üçin hukuk esas bolup hyzmat edýär. Bu hukuk namalarda esasy mesele bolup býujet hukugy kadalaşdyrylýar. Sebäbi býujet döwletiň maliýe işiniň esasydyr.

Häzirki döwürde “Býujet ulgamy barada” Türkmenistanyň kanuny hem-de Salgyt kodeksi maliýe hukugynyň çeşmeleridir. Sebäbi bu maliýe hukuk namalar döwletiň maliýe işini amala aşyrmakdaky esas goýujy hukuk namalardyr. Maliýe hukuk çeşmeleri ýokarda agzalan esasy we ýörite çeşmelerden ybaratdyr. Maliýe hukugynyň käbir pudaklarynyň aýratyn hukuk çeşmeleri bardyr. Mysal üçin bank hukugynyň Merkezi bank baradaky ýörite kanuny bardyr. Döwletiň maliýe işini amala aşyrmakda ýokarda nygtalan çeşmelerden başga Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary, ýerli we öz-özüňi dolandyryş edaralaryň hukuk namalary hem aýratyn orunda bolýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 8-bji maddasyna laýyklykda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralar, Geňeşler öz ygtyýarlyklaryna degişli “Býujeti düzmek we tassyklamak, onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak” işleri durmuşa geçirýär.

Bu hukuk namalar döwletimiziň maliýe işini amala aşyrmakda bazar ykdysadyýeti gatnaşyklary döwürde dürli jemgiýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar(esasanam, salgyt, karz, ätiýaçlandyryş we ş.m.). Maliýe hukuk kadalarynyň ornunda Türkmenistanyň hökümetiniň kararlary we ýerli ýerine ýetiriji häkimlikleriň kanuny tabynlygyndaky namalaryň orny bardyr. Döwletiň maliýe işini kadalaşdyrmakda kanunyň tabynlygyndaky namalar esasy orna eýedir. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň, Türkmenistanyň baş salgyt gulluk edarasynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kabul edýän namalary. Bu hukuk kadalarynyň mazmunynda maliýe hukuk kadakarynyň şekili we mazmuny bardyr, şonuň üçin bu kadalar hökmanylykda ýerine ýetirilmelidir.

## 4. Maliýe hukugynyň ýörelgeleri.

Maliýe hukugynyň ýörelgeleri döwletiň maliýe işini dolandyrmakdaky wekilçilikli edaralaryň, ýerine ýetiriji edaralaryň öňünde goýýan başlangyç işlerini amala aşyrmakdaky esasy başlangyç ugur bolup hyzmat edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we býujet ulgamy hakyndaky kanunyň esasynda býujetiň taslamasy – kanun çykaryjy(wekilçilikli) edara tarapyndan tassyklanýar. Ýerine ýetiriji edaralar býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabat berýärler. Kanun çykaryjy (wekilçilikli) döwlet edara, ýerli wekilçilikli edaralar we Geňeşler býujete seredýärler, tassyklaýarlar we olaryň ýerine ýetirilişine hem-de býujetiň ahyrky tapgyrda ýerine ýetirilişine gözegçilik edýärler.

Wekilçilikli edaralaryň ygtyýarlyklaryna salgyt, karz, puly aýlanyşyga çykarmaklyk, gümrük, ätiýaçlyk kanunçylyk – namalary kabul etmeklige ygtyýarlyk berilýär. Döwletiň maliýe işini amala aşyrmakda maliýe hukugynyň esasy ýörelgeleriniň biri hököminde **kanunçylyk ýörelgesi** çykyş edýär. Döwletiň pul serişdesini toplamaklyk, paýlamaklyk we ulanmagynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esasynda kesgitlenen kadalar döwletiň maliýe işini gönükdirmäge we maliýe düzgün-tertiplerini berjaý etmeklige, maliýe kanunçylygyny kämilleşdirmäge başlangyç esas bolup hyzmat edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 76-njy maddasynda “Türkmenistanyň Ministrler Kabineti pul we karz ulgamyny pugtalandyrmak boýunça çäreler görýär” diýip, nygtalyp geçilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda Türkmen döwleti hukuk döwleti diýip nygtalýar. Maliýe

kanunçylygyny bozan taraplary degişli jogapkärçilige çekilýär. Maliýe hukugynda pudaklaýyn hukuk çeşme namalary hereket edýär. Olaryň düzüminde degişli jogapkärçiligiň çäreleriniň görnüşleri kesgitlenýär.

Döwletde maliýe işini amala aşyyrmaklyk halaty maliýe syýasatynyň we pul ulgamynyň bitewiligi ýörelgesi esasynda durmuşa geçirilýär. Türkmenistan döwletimizde maliýe işi döwletimiziň degişli ygtyýarly edaralary arkaly amala aşyrylýar. Döwlet býujetine gönükdirilýän salgyt ylgamy umumy salgyt almaklygyň ýörelgeleriniň esasyna esaslanýar. Döwletde ýygnalýan salgytlaryň düzümi kanunçylyk namalar arkaly kadalaşdyrylýar. Bu kanunçylykda býujet ulgamynyň bitewiligi, býujet çykdaýjylary ýeke-täk maliýeleşdirmeklik arkaly amala aşyrylýar. Maliýe ulgamynyň bitewiligi Türkmenistanyň Konstitusiýasy tarapyndan kepillendirilen ykdysady bitewilik giňişligi we maliýe serişdeleriniň erkin hereket etmekligine ýardam berýär. Maliýe syýasatynyň bitewiligi döwletde pul birliginiň ýekeligini talap edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy esasynda döwletimizde ýeke-täk pul birligi görnüşinde Türkmenistanyň milli manady jereket edýär. Kagyz pullaryny çykarmaklyk türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarlygyna berilýär. Türkmenistanda başga kagyz pullaryny çykarmaklyk gadagandyr.

Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary maliýe işlerini Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň (86-njy maddasynda) häkimlikleriň we Geňeşleriň kanunçylyk namalary arkaly amala aşyrýarlar. Bu edaralar Türkmenistanyň kanunçylyk namalary arkaly ýerli býujetleri kabul edýärler we olary ýerine ýetirýärler, ýerlerde ýerli salgytlary we ýygymlary

girizip bilýärler(86-njy madda).Türkmenistanda maliýe işi sosial ugurlara gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy Türkmenistan döwletini sosial döwlet diýip häsiýetlendirýär. Türkmenistanyň raýatlarynyň esasy hukuklary, borçlary,azatlyklary Konstitusiýanyň 2-nji bölüminde kepillendirilen. Herbir raýatyň saglygy, erkin, azat ösüşi, zähmetiniň haky we onuň zähmetiniň goralyşy, dynç alyşy, enelere we maşgala döwlet tarapyndan kömek berilmegi, döwlet tarapyndan nepaga pulunyň we kömek pullarynyň berilmegi, beýleki sosial goldawlary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kepillendirilen (Konstitusiýanyň 2-nji bölümi).

Her bir kanunlar Konstitusiýanyň esasynda kabul edilýar. Kanunlar aýdyňlyk esasynda kabul edilýär. Döwletiň maliýe işleri, adamlaryň we raýatlaryň esasy borçlary, hukuklary we azatlyklary baradaky baglanyşykly namalar, resmi ýagdaýda degişli metbugat serişdeler arkaly ilat köpçüligine ýetirilýär. Olar resmi neşiriýatda çap edilýär.

## 5. Maliýe hukugy Türkmenistanyň hukuk ulgamynda: onuň aýratynlyklary we beýleki hukuk pudaklary bilen arabaglanyşygy

Türkmenistanyň hukuk ulgamy birnäçe pudaklardan ybaratdyr. Her bir hukuk pudagy belli bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar we onuň hukuk usulyna eýe bolýar( bir subýektiň garşydaşyna tabynlygy, taraplaryň deňliginiň berkidilmegi we ş.m.). Maliýe hukugynyň aýratynlygy beýleki hukuk pudaklary bilen deňeşdirilende we çäklwendirilende onuň mazmuny açylýar. Maliýe hukugynyň hemme hemme pudaklar bilen arabaglanyşygy bardyr. Ýöne has golaý ysnyşykly konstitusion we dolandyryş hukuklary bilen gatnaşykdadyr. Konstitusion hukugy döwletiň wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralarynyň guramaçylyk esasyny kesgitleýär. Dolandyryş hukugy döwleti dolandyrmakdaky we ýerine ýetiriji edaralaryň işinde ýüze çykýan jemgiýetçilik gatnaşyklary kadalaşdyrýar.

Konstitusion hukugy hukuk ulgamynda esasy orna eýedir. Ol döwletiň konstitusion gurluşyny, raýatlaryň esasy hukuklaryny, borçlaryny we azatlyklaryny, döwletiň ýokary we ýerli edaralarynyň ulgamynyň işleriniň guramaçylyk ýörelgelerini kesgitleýär. Beýleki milli pudaklary ýaly, maliýe hukugy hem şol başlangyç ýörelgelere eýedir. Mysal üçin: Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 42-nji maddasynda “Her bir adam kanunda bellenilen tertipde hem möçberlerde döwlet salgytlaryny we gaýry tölegler tölemäge borçludyr” diýlip nygtalýar. Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlygyna, Türkmenistanyň döwlet býujetini we onuň ýerine ýetirilişi

hakyndaky hasabaty tassyklamak baradaky meselelere garaýar (63-nji madda). Türkmenistanyň Ministrler Kabineti pul we karz ulgamyny pugtalandyrmak boýunça çäreleri görýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 86-njy maddasynda Geňeşleriň ygtyýarlyklary kesgitlenen. Olar býujeti düzýärler we tassyklaýarlar, olaryň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty taýýarlaýarlar.

Bu ýokarda nygtalan ygtyýarlyklar maliýe hukugynyň başlangyç esasy bolup çykyş edýär.

Döwlet edaralarynyň pul serişdelerini toplamakda, paýlamakda we ulanmakdaky hukuk gatnaşyklary maliýe hukugynyň predmeti bolup çykyş edýär. Maliýe hukugy dolandyryş hukugy bilen arabaglanyşykda bolýar. Dolandyryş hukugynyň gatlagyna ministrlikleriň, komitetleriň, ykdysadyýeti dolandyrýan ýerli edaralaryň we medeni sosial gatlagyň ugurlaryny kadalaşdyrýar. Maliýe hukugy ministrlikleriň, komitetleriň pul serişdeleriniň çeşmeleriniň döremek tertibini, pudaklary maliýeleşdirmekligi, tölegleriň görnüşlerini, tabynlygyndaky edaralaryň býujet serişdelerini maliýeleşdirmekligi kadalaşdyrýar.

Dolandyryş hukugy - maliýe karz edaralaryň işiniň guramaçylyk şekilini, wezipeli şahskary wezipä bellemeklik we boşatmaklyk.

Maliýe hukugy raýat hukugy bilen arabaglanyşykda bolýar. Raýat hukugynyň predmeti hökmünde emläk gatnaşyklarynyň görnüşi bolan pul gatnaşyklarydyr. Döwlet edaralary şol sanda hem maliýe-karz edaralary maliýe gatlakda dolandyrmakda bir wagtda ýuridiki şahs bolup çykyş edýär: Pul serişdelerini toplamakda we

paýlamakda ýuridiki şahslar şertnamalary (ssyda şertnamasy, aýap saklamak şertnamasy we ş.m.)

Bu şertnama gatnaşanlarynda gatnaşyjylar deň taraplylykda we ykdysady aýratynlyk tarapda bolýarlar. Şonuň üçin bu gatnaşyklar maliýe hukugynyň predmet gatnaşyklarynyň düzümine girýär.

Maliýe hukugy beýleki pudaklar bilen hem arabaglanyşykda bolýandyr.

# BAP 3: MALIÝE HUKUK KADALARY WE GATNAŞYKLARY.

## §1. Maliýe hukuk kadalary barada düşünje.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Milli galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanasynda Garaşsyz hem Baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň hukuk ulgamy kämilleşýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda döwletimiziň hukuk ulgamyny kämilleşdirmek işi dowam edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň noýabr aýynda döwletimiziň milli kanunçylygy kämilleşdirmek barada aýratyn karar kabul etdi. Karara laýyklykda milli kanunçylygy kämilleşdirmek barada işçi topar döredildi.

Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistan döwletimiziň kanunçyluk ulgamynda maliýe hukuk kadalarynyň we maliýe hukuk gatnaşyklarynyň aýratyn orny bardyr.

Maliýe hukuk kadalary – maliýe hukugynyň başlangyç esaslarydyr. Maliýe hukuk kadalaryna umumy hukuk häsiýetlere eýedir. Ýöne, kadalaryň aýratynlyklary hem bardyr. Her bir hukuk pudagynyň jemi bolup döwletiň maliýe işlerini amala aşyrmakda belli gatnaşyklary, ýagny maliýe hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Bu hukuk gatnaşyklar döwlet tarapyndan kämilleşdirilýär.

Döwletiň maliýe işi her bir döwlet üçin iň wajyp işleriň biridir. Iş babatlykda Türkmenistan döwletimizde kabul edilen Salgyt bütewi kanunynyň orny uludyr.

Maliýe hukuk kadalar özüniň mazmuny boýunça döwletiň maliýe işlerini amala aşyrmakda hem-de ony kadalaşdyrmakda ulanylýan esasy serişdelerdir. maliýe

hukuk kadalarynyň esasy mazmuny taraplara hukuk we borjy kesgitlemekden ybaratdyr. Maliýe hukuk ulgamynda kadalaryň ugurlary dürli dürlidir.

Maliýe hukuk kadalary özüniň mazmuny boýunça **imperatiw häsiýete** eýedir.

Maliýe hukuk kadalary maliýe hukuk gatnaşyklara gönökdirilendir. Gatnaşyklarynyň hukuklary hem borçlary kesgitlenendir. Her bir salgyt hukugynyň gatnaşygynyň kanunda görkezilen möçberde we kesgitlenen möhletde tölegi wagtynda tölemäge borçludyr. Egerde, tölegçileri nädogry salgyt tölege geçilse, salgyt tölegçiler degişli maliýe (salgyt) edarasyna ýüz tutmak hukugyndan peýdalanýa.

Maliýe hukuk kadalary özüniň görnüşi boýunça 3 (üç) görnüşinden ybarat bolýar:

∗ Boýun ediji kadalar;

∗ Gadagan ediji kadalar;

∗ Ygtyýar ediji kadalar.

Maliýe hukuk kadalar hemme maliýe hukuk gatnaşyklaryndan borçlylygy talap edýär. Maliýe (salgyt) edaralary salgyt tölegçilere salgytlary wagtynda tölemekligi talap edýär, öz gezeginde salgyt töleýjiler kanunda we wagtda tölegleri tölemelidirler.

Wagtynda tölenmedik salgyt tölegler salgyt kanunyna laýyklykda wagtynda **tölenilmedik möhlet** diýlip tölegçini jerime tölemeklige çekilip bilner. (Mysal üçin: Türkmenistanyň salgyt baradaky bitewi kanunynyň 172-nji maddasy). Aglaba, maliýe kadalar özüniň mazmuny boýunça boýun ediji kadalardyr.

Gadagan ediji kadalar maliýe hukugynda iň bir esasy kadalar bolup hyzmat edýär. Bu kadalar, maliýe hukuk gatnaşyklaryny gadagan hereketden ýüz döndürmegi we ondan togtamagy talap edýär. Mysal üçin: Türkmenistanyň Salgyt bitewi kanunyna laýyklykda ýerli maliýe býudjetlere geýlän ýerli edaralaryň goşmaça girdeýjisini ýerli býudjet gönükdirmeklik ygtyýarlygyny berilmeýär.

Maliýe hukugynyň gatnaşyklary maliýe hukuk kadalaryny berk berjäý etmelidirler. Salgyt bitewi kanundaky görkezilen ýygymlaryň möçberinden ýokary kesgitlenen böçberleri bellemeklik ygtyýarlygy berilmeýär. Ygtyýar ediji kadalar maliýe hukuk kadalaryna gatnaşyjylara belli hukuk kesgitleýär. Mysal üçin: Ýerli Geňeşler öz býudjetlerinden belli maliýe serişdelerini goşmaça maliýe serişde görnüşinde medeni-sosial çärelere sarp edip biler.

Her bir kärhana özüniň serişdelerini tygşytly sarp etmelidir. Ýöne sarp etmeklik maksadalaýyk görnüşe eýedir.

Maliýe hukuk kadalar özüniň mazmuny boýunça **maddy** we **prosessual** kadalardan ybardyr. Maliýe hukugynyň kadalary özüniň hukuk göwrümi boýunça, esasanam material kadalardyr. Maliýe hukugynda, ýagny býudjet prosessual kadalar hem bardyr.

Maliýe hukuk kadalar özüniň gurluşy düzümi boýunça üç mahsus elementlerden ybaratdyr:

1. Gipoteza
2. Dispozisiýa
3. Sanksiýa

**Gipoteza** hukuk kadalarynyň hereketiniň şertini kesgitleýär. Gipoteza özüniň hukuk mazmuny boýunça iň çylşyrymly kadalardyr. Kärhana we edaralar döwlet býudjetine girdeýji salgydy ýa-da goşmaça gymmadyň üstüne artdyrylýan salgydy tölemelidir. Eger-de bank edarasynda aýratyn hasaplaýyş bahasy (sçoty) bar bolsa, onda aýratyn maliýe meýilnamaň esasynda tölege borçly bolýar.

**Dispozisiýa** – gatnaşyklara belli halatda özüňi alyp barma kesgitleýär. Her bir hukuk gatnaşygynyň taraplary belli bir hukuga hem borja eýedir. Dispozisiýanyň gatnaşyjylaryň hukugyny we borjuny etmekligi talap edýär.

**Sanksiýa -** bu jogapkärçiligiň ölçegini kesgitleýän hukuk kadalaryň toplumydyr. Sanksiýa esasanam Mliýe hukuk kadalaryny bozanlar üçin ulanylýan usuldyr.

Maliýe hukuk kadalary bozulan halatda **subýektlere** garşy ulanylýan ediji serişdedir. Maliýe hukuk kadalaryny bozulan halatda günäkärleri jenaýat, raýat hem dolandyryş hukuk jogapkärçiliklerine çekilip bilner.

Maliýe hukuk kadalarynyň ýene-de bir aýratynlygy onuň ýörüte häsiýete eýe bolýanlygyndadyr. Sebäbi, Maliýe hukuk gatnaşyklaryny Maliýe hukuk kadalary arkaly kepillendirilýär. Şonuň ýaly, maliýe döwletde belli bir işi (funksiýalary) ýerine ýetirýär.

a) Başarnykly işi;

b) Barlag (kontrollyk) işi;

c) Ykdysady höwes döretmelik, (stimulirlemek ) işi.

Ýöne maliýe hukugynyň kadalary bu işleri ýerine ýetireninde, belli bir derejede özüne ýüki hem alýar. Şonuň

üçinem, häzirki wagtda maliýe hukuk kadalary ýeke bir döwletiň maliýe gaznasynyň döretmekden ybarat bolman, eýsem döwletde ykdysadyýete we sosial ösüş ugurlary ösdürmäge ýardam bermelidir. Şonuň bilen birlikde , maliýe hukuk kadalary özüne dürli-dürli agyrlyklary göterýär. Mysal üçin: býudjet hukugynyň kadalary ýeke bir býudjeti pul serişdeleri bilen üpjün etmän, ýa-da býudjeti kabul we ýerine ýetirmekden ybarat bolman, kadalar hem özüne ukyplylyk işi (funksiýany) hem ýerine ýetirýär.

Döwlet býudjeti  kabul etmekde we ony ýerine ýetirmekde , býudjet hukuk kadalar arkaly mydamalyk döwletiň maliýe işine gözegçiligi amala aşyrýar. Şol sanda mydamalyk gözegçiligi ykdysadyýetde we sosial gatlakda amala aşyrýar. Eger-de döwlet býudjetiniň girdeji bölümine degişli hökmany salgyt tölegleri edara we kärhanalr tarapyndan gönükdirilse, onda senagatyň , söwdanyň we beýleki halk hojalygynyň pudaklarynyň pes derejede işleýändigini aňladýar. Eger-de býudjete gönükdirilen maliýe serişdeleri göwrümde ýollanmasa , onda býudjtden sosial ugurlary maliýeleşdirip bolmaýar.

Eger-de işçilerden aýlyk hak töleglerinden alynýan salgyt tölegleri býudjete gönükdirilmese, onda sosial gatlagy maliýeleşdirip bolmaýar. Bu halat öz gezeginde söwda bolan islegi gysgaltmagyna getirýär.

Şonuň üçin maliýe hukuk kadalary döwletde maliýe işini dolandyrmakda maliýe gözegçiliginiň ýerliklidigini we onuň mahsusdygyny subut edýär.

**Maliýe gözegçilik** pula gözegçilikdir.

Maliýe hukuk kadalary özüne ykdysady höwes döretmek işine (funksiýasyna) mahsus eýedir. Mysal üçin:

döwlet býudjetiniň girdeji çeşmeleri esasanam, salgytlardan ybaratdyr. Öz gezeginde Salgyt kanunçylygy esasanda salgytlaryň tölegçileri bolup ýuridiki hem fiziki fiziki şahslar çykyş edýär. Ýöne salgyt hukuk kadalary bir tarapdan döwletiň maliýe resurslaryny gaýtadan ybarat bolsa, beýleki tarapdandan salgytlar önümçiligi ösdürmekde ykdysady höweslendirmäge eýe bolýar.

Her bir salgyt hukugynyň **subýekti** (salgyt tölegçi) kanunda görkezilen tertipde kesgitlenen möçberde salgydy tölemäge borçludyr. Bu bolsa, salgyt tölegçä erkin zähmet önümçiligini ýerine ýetirmäge ýardam berýär. Kärhana hem edaralara önümçiligi giňeltmäge ýardam berýär. Salgyt tejribesinde, käbir döwletlerde salgytlaryň sanawyny we onuň möçberiniň mukdaryny köpeldip, edara kärhanalary ýaramaz (pes) ykdysady derejä getirýän wagtlary hem bolupdy.

Şonuň üçin, maliýe hukuk kadalary bilen işlenilende hökmany suratda bellenen üç işi (funksiýany):

- **Başarnyklylyk**
- **Ykdysady höwes döretmek**
- **Barlag işi.**[1]

---

[1] Горбунова О.Н. Финансовое право. М., 2002. стр.45.

## §2. Maliýe hukuk gatnaşyklary, onuň aýratynlygy we görnüşleri.

Döwletiň maliýe işinde ýüze çykýan maliýe hukuk gatnaşyklaryny maliýe hukuk kadalary arkaly kadalaşdyrmakda maliýe hukuk gatnaşyklary ýüze çykýar. Maliýe hukuk gatnaşygy aýratynlyga eýedir, sebäbi bu gatnaşyk;

- Döwletiň maliýe işini dolandyrmakda ýüze çykýar,
- Maliýe hukuk gatnaşygynyň esasy **subýekti** bolup döwletiň ygtyýarly (maliýe, karz, salgyt, ätiýaçlandyryş) edaralary, şol sanda ýokary we ýarli döwlet edaralary;
- Bu gatnaşyklar elmydam pul bilen, pul tölegleri ýa-da pul borçlylykda döreýär.

Bu ýokarda bellenilen maliýe hukuk gatnaşyklaryň aýratynylygyny beýleki köpçülikleýin hukuk gatnaşygyndan tapawutlydygyny häsiýetlendirýär. Mysal üçin, dolandyryş jerimelerini döwletiň maliýe işini bozan talaplara, döwletiň edaralary tarapyndan pul gatnaşygy bilen baglanyşykly bolýar.

Bu gatnaşyklar maliýe hukuk kadalary arkaly kadalaşdyrylman, dolandyryş hukuk kadalary arkaly kadalaşdyrylýar.

Maliýe hukuk gatnaşygynda esasanam iki element çykyş edýär:

- Döwlet häkimýetli,
- Emläkleýin.

Bu iş döwlet namalarynyň esasynda bolýar. Pul serişdelerini döwlet býudjetiniň düzümine toplamak we olary çykdaýjy esasdasarp etmek madd, emläkleýin häsiýete eýedir. Şonuň üçin maliýe hukuk gatnaşyklary emläk häkimýetli häsiýete eýedir.

Maliýe hukuk gatnaşyklary emläk häkimiýet häsiýetli diýmekligi bu gatnaşygyň bir tarapy döwletiň häkimiýet edarasy çykyş edýär. Maliýe meýilnamasynyň barlygy maliýe hukuk gatnaşygynyň esaslygydyr. Şertnama, maliýe hukugyna mahsus däldir.

Maliýe hukuk gatnaşyklary döreýär, üýtgeýär we togtap bilýär., ýeke-täk hukuk kadalarynyň şertleriniň we ýuridiki esasda. Ýuridiki esaslar barada maliýe hukuk gatnaşygynyň gatnaşyklary şertnama baglanyşyp bilmeýärler. Maliýe hukugynda **ýuridiki esas** bolup, ***hereket*** we ***hadysa*** çykyş edýär.

**Hereket -** tarapyň hak isleginiň netijesinde döreýän ýuridiki esasdyr. Hereket hukuk esasly, ýagny kanuna laýyk gelýän hereketler we bikanun, ýagny kanuna garşy hereketler. Maliýe hukuk gatnaşygyna ýuridiki esas mahsusdyr. Sebäbi maliýe meýilnamany tassyk etmeklik, belli tapgyrly we hereket esasda bolýar.

Döwletiň maliýe işini amala aşyrmakda hukuk kadalarynda taraplaryň hukuklary we borçlary kesgitlenýär. Maliýe meýilnamasy ýerine ýetirileninden soň, hukuk gatnaşygy togtalýar.

Hukuk kadalarynyň esasynda şahsy maliýe hukuk namalarynyň esasynda gatnaşyklary döreýär, üýtgeýär we togtalýar. Mysal üçin; salgyt tölegçä salgyt edaranyň iberen

habarnama, tabynlygyndaky edaralara wagtlaýyn maliýe kömegini bermek baradaky çözgütler.

Eger-de maliýe hukuk gatnaşygynyň taraplary maliýe borçlygy kanuna laýyk ýerine ýetirmese, degişli jogapkärçilige çmekilip bilner.

**Hadysa –** adamlaryň erkine bagly däl halata aýdylýar (adamlaryň dünýä inmegi we aradan çykmagy, tebigy betbagtçylyk). Maliýe hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi we üýtgemegi belli bir hukuk kadalary bilen baglanyşykda bolýar. Mysal üçin; çaganyň dünýä inmegi, onuň belli bir ýaşa ýitmegi, ýagny onuň salgyt tölemäge borçlylygydyr. Maliýe hukuk gatnaşygynyň gatnaşyjylaryň hukuklary we borçlary

Maliýe hukuk kadalarynyň maddy we seljeriş eýe bolanlygy sebäpli, maliýe hukuk gatnaşyklary maddy we seljeriş hukuk gatnaşygyna eýe bolýar.

Maddy maliýe hukuk gatnaşyklarynyň **subýektleri** maliýe serişdelerini almakda, paýlamakda we ulanmakda belli hukuga we borja eýedir.

Taralpar maliýe hukuk gatnaşygynda borçlaryny we hukuklaryny ýerine ýetireninde belli bir möçberde pul serişdelerini sarp edýär.

Maliýe **prosessual** hukuk gatnaşyklar hukuk şekili görnüşinde döwletiň maliýe serişdelerini dolandyrmak, paýlamak we ulanmakda döreýär. Prosessual hukuklylyk we borçlylyk (ygtyýarlyk) döwletiň maliýe işinde maliýe serişdelerini tygşytly ulanmaklyga gönükdirlendir. Mysal üçin; Türkmenistanyň döwlet býudjetiniň taslamasyny Ministrler Kabineti tarapyndan belli bir wagtda Mejlisiň garamagynda geçirilmegi.

Prosessual maliýe hukuk gatnaşyklary döwletiň ygtyýarly edarasynyň belli möhletleriň hereketleriň yzygiderligini talap edýär.

Prosessual we maddy maliýe hukuk gatnaşyklarynyň arasynda ysnyşykly arabaglanyşyk bardyr. Maliýe hukuk gatnaşygynda prosessual maliýe hukuk gatnaşygy maliýe pudagynda maddy hukuklary we borçlary durmuşa geçirmek üçin ulanylýar.

## §3. Maliýe hukugynyň subýektleri.

Maliýe hukugynyň predmeti – döwletiň maliýe işini amala aşyrýan gatnaşyjylar we subýektler tarapyndan hukugy we borjy kesgitleýän gatnaşyjylara gönükdirilen. Hukuga we borja eýe bolan gatnaşyjylar maliýe hukugynyň subýektidir. Maliýe hukugynyň subýekti we maliýe hukuk gatnaşyjy diýen düşünje köp halatda biri-birine gabat düşünjedir. Maliýe hukugynyň subýekti – hukuk ukyplylyga eýe bolan şahsan aýdylýar., ýagny hukuga we borja aýdylýar. Maliýe hukuk gatnaşygy – belli bir hukuk gatnaşygynda hakyky gatnaşyja aýdylýar.[1] Maliýe hukugynyň subýekti özüniň düzümi boýunça örän çylşyrymlydyr. Maliýe hukugynyň subýektleriniň aýratynlygy hem bardyr. Şonuň üçin onuň düzümine üç topary jemläp, olar bolsa topar bölünişigini düzýär. [2]

Bu topar bölünişik maliýe hukugynyň subýekt düzümini emele getirýär:

a. Döwlet we dolandyryş territorial bölünişikler

b. Köpçülikleýin subýektler

c. Aýratyn subýektler

Hersi biri-birinden tapawutlydyr. Maliýe hukugynyň subýektleri iki esasy topara bölünýär:

∗Guramalar

∗Raýatlar (fiziziki şahslar)

---

[1] Алексеев С.С. “Общая теория право” М., 1982. стр. 140

[2] Матузов Н.И., Малько А.В. “Теория государство и право” М., 1997. стр. 482.

Subýektleri topara bölmeklikligiň ähmiýeti bardyr. Esasanam, käbir soraglara seredilende (maliýe hukugynyň subýektleriniň jogapkärçilik meselelerinde)[1].

Maliýe hukuk gatnaşygynyň birinji toparyna (döwlet we dolandyryş – territorial bölünişikler) düzümine;

- Türkmenistan döwleti
- Welaýat, şäher, etrap häkimlikler, edaralary
- Aşgabat şäheri
- Geňeşler

Bu subýektleriň bölünşigi býudjet hukuk gatnaşygyna mähsusdyr. Türkmenistanyň býudjet kanunçylygy esasynda, kanun esasynda merkezleşen býudjet (7-nji madda) we ýerli býudjetler (8-nji madda). Merkezi býudjetler we ýerli býudjetler her bir döwlet üçin mahsus alamatdyr. Türkmenistan döwleti we onuň düzümindäki dolandyryş territorial emele gelmeler maliýe hukuk gatnaşygynda subýekt bolup, içerki döwlet bergilerinde, içerki aýlanşyga goýbermekde, býudjet serişdeleri ýetmezçilik bolan halatynda bank karzyny ulanmaklyk.

Türkmenistanyň içerki döwlet bergi syýasatyny Türkmenisatnyň Prezidenti tarapyndan dolandyrylýar.[2] Içerki döwlet bergini dolandyrmakda Türkmenistanyň Maliýe ministrligi Ministrler Kabinetiniň geňeşçisi bolup çykyş edýär.

Maliýe hukugynyň köpçülikleýin subýektleri bolup, döwlet kärhanalary we edaralary, jemgyýetçilik guramalary, olaryň düzümine; döwlet häkimýet we

---

[1] Химичева Н.И. “Финансовое право” М., 2001. стр. 66

[2] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary Aşgabat 1995ý. №1-2

dolandyryş edaralary; ýerli dolandyryş edaralary; geňeşler; dürli eýeçiligiň görnüşindäki edaralar; şol sanda kommersiýä we kommersiýä däl guramalar.

Döwlet häkimýet we dolandyryş maliýe hukugynyň hökmany gatnaşyjysydyr, ýagny esasy subýektidir. Sebäbi olar maliýe hukuk gatnaşygynyň hökmany gatnaşyjysydyr.

Ýerine ýetiriji hökümet edaralarynyň düzümind: ministrlikler, wedomstwalar, komitetler, gulluklar, şol sanda maliýe karz edaralary.

Aýratyn topara ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary düzýär. Olar öz ýerlerinde aýratynlykda maliýe işi bilen baglanyşykly meseleleri çözýär. (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 87-nji maddasy).

Bazar ykdysady gatnaşygyna geçiş döwürde edara we kärhanalaryň dürli guramaçylyk şekilleri aýratyn ýuridiki şahs höküminde döreýär.

Şeýle, birleşikleriň görnüşi bolup, bileleşikler, assosasiýalar, kompaniýalar, gildi, holdingi, pudaklara, sebitleýji we ş.m. birleşikler. Bu bileleşikler şertnama esasynda döreýär, kommersiýa hasaplaýyş esasda, öz-özüni maliýeleşdirýän we özüni dolandyrýan şekilde maliýe hukuk gatnaşygynda çykyş edip bilýärler. Käbir döwletlerde, mysal üçin; Russiýa Federasiýasynda täze birleşigiň şekili bolup – maliýe senagat topary hereket edýär.

Aýratyn subýektler ýa-da fiziki şahslar maliýe hukugynyň subýektleridir. Fiziki şahslar – Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolamdyk adamlar.

Bu şahslar esasanam salgyt hukugynyň subýektleri bolup çykyş edýärler. Raýatlar döwlet we bank hukuk gatnaşygynyň subýektleri bolup çykyş edýär.

Fiziki şahslaryň arasynda maliýe hukugynyň subýekti bolup telekeçilik işi bilen meşgul bolýan raýatlar hem çykyş edýär.

# BAP 4. MALIÝE HUKUK YLMY.

## §1. Maliýe hukuk ylmynyň predmeti.

Türkmenistanyň hukuk pudaklarynyň ulgamynda maliýe hukuk ylmy aýratyn orna eýedir.

Maliýe diýen düşünje, özüniň maddy mazmuny boýunça döwletiň pul serişdesiniň gaznasy diýmekligi aňladýar. Döwletde pul şu aşakdaky işi (funksiýany) ýerine ýetirýär;

Bulardan başga-da, pul döwletde paýlamak we gözegçilik işlerini ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Döwleti dolandyrmak ýeke-täk puluň kömegi bilen amala aşyrylýar. Adamzat jemgyýeti dolandyrmakda rejeli serişdeler oýlap tapmandyr. Şonuň üçin döwletiň mahsus alamatlarynyň biri hem pul serişdesidir. Türkmenistan döwletimiziň ykdysadyýetinde bazar ykdysady gatnaşygy ornaşdyrylýar. Şonuň üçin häzirki döwürde maliýe hukugynyň mazmuny gös-göni bazar ykdysady gatnaşygyna gönükdirilýär. Döwletiň maliýe ulgamynda hökmany hukuk kadalarynyň orny uludyr, esasanam maliýe kadalary esasy merkez bolup hyzmat edýär. Bazar ykdysady gatnaşyklarynda, hökmany suratda ykdysadýete döwletiň täsiri bolmalydyr. Dödwlet täsiri – hukuk täsiridir. Döwletde hemme maliýe hukugy ýeke-täk hukuk esasda bolýar we ol işler maliýe hukuk kadalary arkaly kadalaşdyrylýar. Bazar ykdysady gatnaşyklarynyň ylymynda esasy orun maliýe hukuk ylymydyr we onuň predmetidir.

Şeýlelikde maliýe hukugy döwletiň maliýe işini amala aşyrmakdaky ýüze çykýan hukuk gatnaşyklarynyň jemine aýdylýar. Maliýe hukugy hukuk kadalarynyň jemi bolup,

döwletiň pul serişdelerini rejeli ulanmakdaky hukuk gatanaşyklaryň jemine aýdylýar. Maliýe hukuk ylymy maliýe hukugynyň kadalaryny barlag netijesinde, olary topara we yzgiderlige bölýär, hukuk institutlara jemleýär hem-de belli bir ulgama kesgitleýär.

Maliýe hukuk ylmynyň düzümi şu aşakdakylardan ybarat:

Ýokarda bellenilen serişdeler – ylymyň mydamalalyk alamatlarydyr. Şu halatda bir zady hökmany belläp geçmeli, ýagny ylymyň köp elementli düzüminiň esasy bolup – predmet, metodologiýa we ylymyň ulgamy çykyş edýär.

Maliýe hukuk ylymynyň predmeti diýen düşünje nämäni aňladýar? Hakykatdanam "Maliýe hukuk ylymy" diýen düşünje onuň manysynda ornaşandyr. Maliýe hukuk ylymynyň predmeti bolup, hereket edýän maliýe hukuk gatnaşyklary çykyş edýär. Maliýe hukuk ylymyny giňişlik düşünjede başarjaňlyk bilen öwrenilmeli. Maliýe hukuk ylymy bitewilikde bolýar, şonuň üçin ol 3 sany esasy bölekden ybarat bolýar:

Maliýe hukuk ylymynyň predmeti ylymy aňlatmalardyr, ýagny hereket edýän malie hukugy – hukuk kadalarynyň toplumydyr. Hereket edýän hukuk kadalary ulgam görnüşine eýe bolup hem-de birleşip, h/ukuk institutlaryna we pudak bölümini emele getirýär: býujet hukugy, salgyt hukugy, bank hukugy, hasalaýyş hukugy, karz hukugy, walýuta hukugy we ş.m. Hemme hereket edýän institutlar aýratynlykda we bütewilikde jemleşip maliýe hukuk pudagyny emele getirýär. Maliýe hukuk kadalary öz gezeginde hukuk gatnaşygyny, onuň gatnaşyjysyny (subýektini) we obýektini, hukuk

gatnaşyklarynyň görnüşlerini kesgitleýär. Maliýe hukuk ylymy bilen tejribäniň täsirinde jebislikde, býujet, salgyt, bank we maliýe gözegçiliginiň täze görnüşleri peýda boldy. Maliýe kanunçylyk düşünjesinde maliýe hukuk bilim düşünjesi durýandyr, ol bolsa maliýe hukuk ylymy diýen düşünjäni aňladýar. Maliýe hukugynda maliýe hukuk bilimi, özüne birnäçe maliýe hukuk kategoriýalary jemleýär. Maliýe hukuk kategoriýalary şu aşakdaky görnüşe eýedir: “Döwlet maliýesi”, “Merkezleşen býujet”, “Ýerli býujet”, “Döwlet býujet”, “Býujet seljerişi”, “Döwletiň maliýe işi”, “Salgyt işi”, “Bank işi” we ş.m.

Ýokarda bellenen kategoriýalar maliýe hukugynyň başgaça predmetini emele getirýär. Maliýe hukuk kadalary, maliýe hukuk ylmyny mydama ösüşe gönükdirýär, onuň bitewiligini sakalýar we ony durnuklylykda saklamagyna ýardam berýär.

Talyplar bu düşünjeleri çuňňur öwernýärler we öz bilimlerini artdyrýarlar. Mugallymlar umumy we amaly sapaklarynda talyplara maliýe hukuk ylymyny çuňňur öwredýärler. Maliýe hukugynyň hünärmen alymlary ylmy kesgitlemelemeleri, ylmy monografiýalary we okuw kitaplaryny ýazýarlar.

Maliýe hukuk ylymynyň predmetiniň esasy bölümi “Tejribäni bilmeklik” diýen düşünjedir. Bilmeklik maliýe hukugynyň tejribesini öwrenmekligi aňladýar. Ýagny, maliýe hukuk edaralarynyň maliýe işini dolandyrmakda alyp barýan işini öwrenmekligi kesgitleýär: Türkmenistanyň maliýe Ministirliginiň we onuň ýerlerdäki edaralary; Türkmenistanyň Merkezi banky we onuň düzümindäki bank edaralary; Türkmenistanyň Baş salgyt gulluk edarasy we onuň ýerli edaralary we ş.m. Maliýe

hukuk ylymy hereket edýän maliýe kanunçylygyny öwredýär, ýöne öwrenmeklik ýeke-täk kitaplar we kodeksler bilen çäklenmän, eýsem raýat salgyt tölegçileriniň durmuşy bilen baglanyşyklydyr. Şol sanda döwletiň maliýe işi bilen ylym baglanyşyklydyr. Maliýe hukuk kadalaryny, maliýe hukuk kategoriýalar arkaly olaryň manysyna düşünip bolýar. Şonuň üçin, maliýe hukuk ylymy dersiniň umumy bölümlerini öwrenilende ulanylýar. Şol kategoriýalar, arkaly hereket edýän maliýe hukuk ylymyny öwrenip we ösdürip bolýar.

## §2. Maliýe hukuk ylmynyň metodologiýasy.

Maliýe hukuk ylymynyň predmeti, akyl ýetirmäniň serişdesi bilen arabaglanyşykdadyr. Eger ylymyň predmeti diýmeklik, haýsy obýekti öwrenmeklik, haýsy usuly ulanylan we barlag derňewini geçirmeklik düşünjäni aňladýar. Iňlis pelsepeçisi  F.Bekon (1561-1626) akyl ýetirmekligiň usuly ýagtylygyň çeşmesidir, barlaglaryň ýolunyň ýagtylygydyr, alymyň zähmetiniň gurnaýjysydyr we ýol görkezijisidir.  Ilkibada yşygy  ýakmaly soňra ol ýagtylyga ýol açýar, netijede gözlegler başlanýar diýip nygtap geçipdir.

Hukuk ylymynyň usuly-akyl ýetirmekligiň ulgamydyr, takyk hukuk ylymlarynda ulanylýan usulyýetiň esasy başlangyjydyr. Maliýe hukuk ylymy usulyýet esasyna daýanýar. Eger-de hukuk ylymy nädogry syýasata daýansa, onda ol uzak döwürlerde ösüşe duçar bolmaýar. Şonuň üçin sowet hukuk ylymynda geçen asyryň 20-30-njy ýylarynda örän täsirli hadysalar maliýe hukuk ylymyny  birnäçe ýyllara yza çekdi.[1] Şol ýyllarda maliýe hukugynyň görnükli wekilleri I.H.Ozerow, S.N.Kotlýarowkiýa, E.E.Pantowiç ýaly alymlary tussaglykda saklanyp, olary sürgün edildi. Soňra maliýe hukuk ylymyny hukuk fakultetleriniň dersiniň düzüminden ýatyrylyýar.

Ýokary Okuw Mekdepleriniň meýilnamasynyň düzüminden aýratyn düýpgöter ders ornuny ýitirýär. Şol döwrüň syýasatyna garşy gelmeýän burjuaz ders diýlip häsiýetlendirilýär. Soňra, 40-njy ýyllarda ilkinji ýokary okuw mekdeplerinde okuw ders meýilnamasy

[1] Горбунова О.Н. “Финансовое право”. Москва. 2002г. Стр.53.

taýýarlanylýar. Geçen asyryň 40-njy ýyllarynda görnükli sowet maliýe hukuk alymy N.N.Rowinskiý ilkinji ýokary okuw mekdepleri üçin “Советское финансовое право” atly okuw kitabyny çykarýar[1]. Käbir halatlarda usuly ýörite – hukuk düşünje diýlip atlandyrylaýar. Usul diýen düşünje maliýe hukuk ylymynda aýratyn orna eýedir. Belli usul diýlen düşünje arkaly maliýe hukuk kadalaryna, hukuk gatnaşygyna, olaryň düşündirilişine we topara bölünişine göz ýetirilýär. Maliýe hukuk kadalaryny toparlara we ulgamlaşma görnüşine bölünende olary yzygiderlik tertip görnüşe getirmeklige ýardam berýär. Maliýe hukuk ylymy birnäçe hukuk ylymlary bilen arabaglanyşykda bolýar. Görnükli fransuz maliýe hukugynyň alymy şeýle diýip nygtaýar: “Maliýe hadysalaryny barlamaklyk üçin birnäçe pudaklara syn bermekligi talap edýär. Mysal üçin, Konstitusiýa, dolandyryş, syýasy ylymlara, syýasy-ykdysadyýet, sosiologiýa we psihologiýa.”[2] Maliýe ylmy has takyk syýasy ykdysadyýet ylmy bilen ysnyşykly arabaglanyşykda bolýar. XVIII-XIX asyrlarda maliýe ylmy syýasy-ykdysadyýet ylmyndan aýrylyşyp ýörite ylym ýoluna düşüpdir. XIX asyryň aralygynda, maliýe ylymyndan aýrylyşyp maliýe hukuk ylmy ýörite ylym ýoluna düşýär. Syýasy ykdysadyýet ylmy we maliýe ylymlarynyň arasynda ylmy arabaglanyşyk bardyr. Bu baglanyşyk maliýe hukugy ylymyna kategoriýalar barada, maliýe we onuň düzgünleri barada nygtap geçýär. Ýöne, maliýe hukuk ylmy örän ysnyşyklylykda maliýe ylymy bilen durýar. Wajyp maliýe kategoriýalar bolup: pul,

[1] Н.Н.Ровинский. “Советское финансовое право”
[2] П. М. Годме “Финансовое право”. М 1978 стр. 43.

býujet, girdeji, çykdaýjy, hasaplaýyş, karz, walýuta we ş.m. Maliýe hukuk ylmynda ýokarda getirilen kategoriýalary hukuk jähtden öwrenilýär we ulanylýar.

Maliýe hukuk ylmynda birnäçe görnüşde usullar ulanylýar:

Hukuk – deňeşdirme barlag usuly – iki ýa-da ikiden gowrak maliýe hukuk istitutlaryny deňeşdirmeklige, ýagny olaryň umumylygyny we aratapawutlylygyny derňemeklige aýdylýar. (mysal üçin Türkmenistanyň salgyt hukugy bilen Russiýa federasiýasynyň salgyt hukugyny) GDA birleşiginiň agzalarynyň salgyt ulgamy umumylykda deňräk gelýärler. Ýuridiki hem-de fiziki şahslardan alynýan salgytlar umumy ýuridiki düzümleri deňräk gelýär. Bu deňeşdirmäniň netijesinde, içerki kanunlarynyň käbir ugurlaryny kämilleşdirmeklige ýardam edýär. Deňeşdirme – akyl ýetirme hukuk usuly – belli bir usullar arkaly haýsy hem bolsa bir döwletiň maliýe hukuk hadysalaryny öwrenip, olary synlap, olaryň aratapawudyny deňeşdirip, oňaýly taraplaryny içerki kanunçlyga ornaşdyrylmaklyga aýdylýar. Bu tapawutlylygy deňeşdirme maliýe hukuk ylmyny kämilleşdirmäge we ösdürmäge ýardam berýär. Anyk – sosiologiki barlag usuly – maliýe, salgyt, bank, býujet edaralarynyň işgärlerini dil üsti soraglary gurnamak, olary anketleşdirmek hem-de söhbetdeşligi geçirmeklige aýdylýar. Bu usul häzirki döwürde uly gymmata eýe bolýar. Ýygnalýan maglumtlar we esaslar häzirki döwrüň durmuşynyň netijesi bolup hyzmat edýär. Anyk – barlaglar sosiologiki derňewler netijesinde maliýe, salgyt gullugy işgärleriniň, bank işgärleriniň, maliýe gözegçiligi edaralarynyň tejribesini kämilleşdirmäge ýardam berýär.

Taryhy – deňeşdirme barlag usuly maliýe – hukuk hadysalaryny taryhy anyklama esasynda syn we baha bermeklige ýardam berýär. Maliýe hukuk ylymy öz gezeginde maliýe hukuk kanunçylygyny baý taryhy çeşmelerini halka ýetimekden ybaratdyr. Köne taryhy çeşmeleriň oňaýly taraplaryny öwrenmeklik maliýe hukugynyň taryhynda has uly orna eýe bolýar. Ýokarda bellenilen maliýe hukuk ylymynyň metodologiýasy maliýe hukuk ylmyny ösdürmäge we kämilleşdirmäge uly ýardam berýär.

## §3. Maliýe hukuk ylmynyň ulgamy.

Maliýe hukuk ylymynyň predmeti bu ylym barada bilimi we onuň barlagynyň obýektini kesgitleýär. Ylym ulgamy öz geezginde maliýe bilimini tertibe getirýär. Mälim bolşy ýaly ylymyň ulgamynyň esasy hukuk pudagynyň esasyndan durýar. Maliýe hukugynyň ulgamy öz gezeginde birnäçe iri bölümçelerden (şahalardan) ybarat bolup durýar: býujet, salgyt, karz, hasaplaýyş, çykdaýjylar we ş.m. Bu şahalaryň häzirki bazar ykdysady gatnaşyklary döwründe derejesi has hem göterilýär. Bazar ykdysady gatnaşygynyň aýratyn gurallarynyň biri hem salgytlardyr. Maliýe hukuk ylymynyň aýratyn bölüminiň iri şahalary aýratyn pudagyň tabynlygyndaky pudaklaryna öwrüldi. (býujet, salgyt, karz, bank, çykdaýjylar, walýuta hukuklary)[1]. Maliýe hukugynyň hemme şahalary biri-biri bilen ysnyşykly arabaglanyşykda bolýarlar. Ýöne maliýe öz gezeginde birnäçe aýratynlyga eýedir:

1) Hukuk pudagynyň ulgamy – özüniň şahalary boýunça giň gerimdedir. Hukuk pudagynyň ulgamy maliýe hukuk pudaklaryny bölümlere bölýär. Maliýe hukuk ylymy ýeke bir maliýe hukuk kadalaryny öz içine alman, eýsem şeýle maliýe hukuk düşünjelerini “Döwletiň maliýe ulgamy”, “Döwletiň maliýe işi”, “Maliýe hukugynyň kadalary”, “Maliýe hukuk gatnaşyklary”, “Maliýe hukuk ylmy” we ş.m.

2) Maliýe hukugynyň predmeti bolup döwletiň maliýe işi çykyş edýär.

[1] Bu meseleler babatynda degişli baplarda durlup geçilýär.

3) Maliýe hukuk ylmynyň obýekti bolup, pul ýa-da pul borçlulyk çykyş edýär.

4) Maliýe hukuk ylymy „Maliýe hukuk“ okuw dersi kesgitleýär. Bu dersi ýokary okuw mekdeplerinde, ýokary okuw jaýlarynyň hukuk fakultetlerinde hukuk dersi görnüşinde okadylýar.

## §4. Maliýe hukuk ylmynyň geçen we häzirki döwürlerde.

Maliýe hukuk ylmy irki döwürde Günbatar Ýewropada peýda bolýar. Maliýe hukugyna şol döwürde tejribe mätäçligi döreýär. Beýleki hukuk ylymlary bilen bilelikde: Döwlet hukugy, poliseý hukugy, syýasy ykdysadyýet we maliýe ylymy bilen bilelikde döreýär. Soňky 4 asyryň dowamynda dünýäde ykdysady we maliýe gatnaşyklarynda uly özgertmeler bolup geçdi. Iri kompaniýalaryň sanawy artdy, bank we ätiýaçlyk işleri ýola düşdi, senagat kärhänalary ösdi. Eger XVI-XVII asyrlarda feodallar we daýhanlar bolan bolsa, şäherlerde satyjylar we iri kärhananyň eýeleri, bankirler peýda bolýar. Maliýe gatnaşyklarynda pul birlikleri peýda bolýar. Döwlet hukugynyň wekillleri ilkinjiler bolup, döwlet maliýesi barada meşgul bolup, ilkinji işler peýda bolýar; mysal üçin, fransuz hukukçysy J.Boden XVI asyrda "Döwlet barada alty kitap" atly ilkinji eserini çap edýär. Ol öz eserinde, döwletiň maliýe serişdeleriniň çeşmelerine we ilatdan salgyt tygşytly almaklygyň tretibini beýan edýär. Iňlis döwleti öwrenijisi T.Gobbs (XVII a) salgyt ýükini halk köpçüligine ýüklenende, ýeňillikleri göz öňüne tutulmalydyr diýip nygtaýar.

Soňra fransuz alymy Ş.Monteskýe şeýle nygtaýar: "Maliýe syýasaty elmydama döwletiň parlamentinde seredilmelidir, ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa parlamentiň çykaran maliýe kanunlaryny ýerine ýetirmelidir" diýip belleýär. Soňra, görnükli iňlis alymy A.Smitt özüniň ölmez-ýitmez "Halklaryň baýlygy barada" eserinde

salgytlar barada, olary tölemekligiň tertibi we ähmiýeti barada nygtap geçýär. Bu alym, maliýe hukuk meselelerini düzmekde we maliýe hukugyny syýasy ykdysadyýet ylymynda aýyrmakda uly işleri durmuşa geçiren şahsyýetdir. Soňra, bu teklip XIX asyrda durmuşa geçýär. Günbatar Ýewropada XIX asyrda maliýe hukuk ylymyna uly üns berliýär. Şol döwürde Angliýada, Germaniýada we Fransiýanyň Ýokary Okuw Mekdeplerinde maliýe hukugy okuw dersi görnüşinde okadylyp başlanýar. Şol döwürde şol okuw mekdeplerinde ýörite maliýe hukugy atly kafedralar döredilýär.

XX asyrda maliýe hukuk ylymy Günbatar Ýewropada has uly gerimde ösüp başlaýar. Maliýe hukuk ylymyny ösdürmekde geçen asryda uly goşant goşan fransuz alymlary: G.Žeza we P.Godme. Bu alymlar maliýe, býujet we salgyt hukuklarynyň wajyp meselelerini ösdürmäge uly goşant goşupdyrlar. Geçen asyryň başynda maliýe hukuk ylymyny ösdürmekde uly goşandy rus alymlary hem goşupdyr. Olardan: D.M.Lwow, S.Ilowaýskiý, E.N.Beredtsa, I.H.Ozerow, W.G. Ýaroskiý, I.I.Ýanjup. Moskwa uniwersitetiniň maliýe hukuk kafedrasynyň müdüri I.H.Ozerow 1915-nji ýylda “Maliýe hukugy” kitabyny çap edýär. Sowet döwründe maliýe hukuk ylymyny ösdürmekde görnükli alymlar uly goşant goşýarlar: A.M.Gurwiç, E.E.Pontowiç, S.A.Katlýarowskiý, M.D.Zagyrýaskow, S.D.Krylow we ş.m.

1940-njy ýylda M.A.Gurwiçiň ylmy ýolbaşçylygynda Maliýe hukuk kitaby çap edilýär. Soňra, 1952-nji ýylda bu kitap täzeden çykarylýar. Geçen asyryň 50-80-nji ýyllary döwründe görnükli sowet alymlary maliýe hukugy

ylymyny ösdürmekde uly goşant goşýarlar[1]. Olardan, E.A.Rawinskiý; M.I.Psikotin; S.D.Syýkin; W.W.Bezçerewnyh; N.I.Himiçewa; L.K.Woronowa, N.A.Kufakowa, O.N.Gorbunowa we ş.m.

Maliýe hukugynyň nazary meselelerini E.A.Rowinskiý tarapyndan “Основные вопросы теории советского финансового право” ady bilen 1960-njy ýylda çykan ylmy kitabynda wajyp meselelere garap geçýär. Maliýe hukuk ylymyny ösdürmekde aýratyn goşandyny M.I.Piskotin goşýar. Ol özüniň düýpli “Советское бюджетное право” 1971-nji ýylda çapdan çykaran kitabynda, maliýe hukugy ylymynyň wajyp meselelerine garap geçýär.

Maliýe hukuk ylymyna düýpli goşandy N.I.Himiçewa goşýar. Ol özüniň 1979-njy ýylda çykan “Субъекты Советского бюжетного право” atly kitabynda býujet hukugynyň wajyp meselelerine garap geçýär. Maliýe hukuk ylymy sowet döwründe belli ösüş ýollarda bolupdyr.

Geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap maliýe hukuk ylymyny ösdürmäge birnäçe alymlar uly goşant goşýarlar: M.F.Karaseýewa, E.Ýu.Garaçeýewa, A.A.Ždanow, K.S.Belskiý, E.D.Sokolowa, N.G.Denisowa, N.D.Eriaşwili we ş.m.

---

[1] Псикотин М.М. “ Советское бюджетное право”. М 1971 г. Химичева Н.И. Субъекты советского бюджет ного права. М. 1979г. Бельский К.С. “Финансовое право”. М 1995г.

# BAP 5. DAŞARY ÝURT DÖWLETLERINIŇ ESASY MALIÝE-HUKUK INSTITUTLARYNA HÄSIÝETNAMA

## § 1. Daşary ýurt döwletlerinde býujet hukugynyň esaslary we ýörelgeleri

Býujet barada düşünje. Býujet umumy düşünjedir we özüne birnäçe resminamalary jemleýär. Býujet sözi fransuz dilinden gelip çykyp "girdejileri we çykdaýjylary paýlamak" diýen manyny aňladýar. Býujet diýmeklik birinjiden - her döwletiň, edaranyň we maşgalanyň maliýe serişdeleriniň toplumyna aýdylýar. Ikinjiden - ykdysadyýetde gatnaşyjylaryň girdejisi we çykdaýjylarynyň aragatnaşygydyr. Býujet - göz öňüne tutulýan girdejileriň we çykdaýjylaryň hasaplaýyş meýilnamasydyr. Döwlet býujeti giň göwrümli düşünje, ol özüne ýurduň pul gaznasyny döretmekdäki we ulanmakdaky hukuk gatnaşyklarynyň toplumyna aýdylýar. Döwlet býujeti - ýurduň maliýe meýilnamasydyr, onuň maddalarynda girdejileri we çykdaýjylary düýpli derejede kesgitleýär.

Býujet özüne esasy we goşmaça maliýe resminamalaryny jemleýän hukuk namadyr. Býujet döwletleriň ygtyýarny edarasy tarapyndan (parlament) kabul edilýän hukuk resminamasydyr. Her bir döwletiň ygtyýarly edarasy (köp döwletlerde parlament) tarapyndan döwlet býujeti kabul edilýär. Býujet döwletiň degişli kanunçylaryjy edarasy tarapyndan kabul edilýän maliýe-hukuk namasydyr. Döwlet býujeti her döwletiň maliýe

kanunydyr (mysal üçin, Şwesiýada, GFR - döwlet býujeti barada kanun; Fransiýada - maliýe barada kanun). Käbir, Skandinawiýa döwletlerinde, Norwegiýa we Finlýandiýada býujet kanuny şekilinde tassyklanmaýar, ol döwletleriň parlamentiniň ýörite rezolýusiýasy kabul edilýär. Dünýäniň aglaba döwletlerinde býujeti eke-täk şekil görnüşünde "maliýe", "býujet" barada kanun atly ulanylýar. Maliýe baradaky kanun esasy býujet resminamasydyr.

Býujet hukugy we onuň çeşmeleri. Daşary ýurtlarda býujet hukugy - maliýe hukuk kadalarynyň toplumy bolup, döwletiň býujet gurluşyny, girdejileriniň we çykdaýjylarynyň tertibini, döwlet býujetini kabul etmekde hem-de ony ýerine ýetirmekde ýüze çykýan gatnaşyklaryň jemidir. Döwlet maliýesini kadalaşdyrmakda ulanylýan býujet hukuk çeşmeleri dürli döwletlerde, hil-hildir. Döwletiň býujet işini kesgitleýän hukuk çeşmeleri her bir döwletde özboluşlydyr:

a) konstitusiýa we maliýe häsiýetli däl çeşmeler;

b) býujeti taýarlamak, kabul etmek we ýerine ýetirmek baradaky ýörite maliýe kanunlar. Býujet hukugynyň esasy çeşmesi bolup konstitusiýa çykyş edýär we ol öz gezeginde:

a) býužet gurluşynyň ýörelgesi;

b) parlamente býujetiň taslamasynyň möhletini we tertibini hödürlemek;

w) býujet gatnaşygynda döwletiň degişli edarasynyň ygtyýarlygyny kesgitlemek.

Käbir döwletlerde býujet gatnaşygyny ýurdyň konstitusiýasynda anyk häsiýetde kesgitlenýär. Mysal üçin, GFR 1949-njy ýylda kabul eden kostitusiýasynda şeýle kesgitlenýär:

a) Federasiýanyň we ýerleriň býujet gurluşynynyň ýörelgeleri;

b) býujeti kabul etmekligiň tertibini ýa-da kabul edilmedik halatdaky ýagdaýy (109, 110, 111 maddalary).[1]

Awstriýa döwletiniň konstitusiýasynda, ýokarda bellenen ýagdaýlar göz öňüne tutylypdyr (51, 116 maddanyň 2-nji bendi).

Ispaniýa döwletiniň konstitusiýasynyň 134, 135 maddalarynda býujet gatnaşyklary kesgitlenen:

a) parlamente býujetiň taslamasyny hödürlemekligiň tertibi;

b) döwlet býužetiniň çykdaýjylarynyň girdeji ugurlarynyň ýörelge esasyny kesgitlemek;

w) ýerli býujet emele gelmeleriniň girdeji görnüşleriň ýörelgeleriniň kesgitlemek.

Käbir daşary ýurt döwletlerinde býujet prossesiniň aýratyn taraplary, parlamentiň palatalar baradaky Reglamentinde nygtalýar. Mysal üçin, Italiýanyň deputatlar Palatasynyň Reglamentinde we Respublika Senatanyň Reglamentinde kesgitlenen:

a) başlangyç býujetiň kanun taslamasyny döwletiň maliýe hasabat toparynda seretmek;

b) býujet baradaky kanun taslamasyny goşmaça bellikleri girizmek;

Býužet soraglaryny we býujet seljerişiniň kadalaryny konstitusiýada we gaýra hukuk namalarda kesgitlenmegi, XIX asyrda býujet hukugynyň konstitusion hukugyndan çykyp, ýörite pudak ýoluna düşüp, soňra maliýe hukuk pudagynyň düzümine goşulýär. Şonuň üçin, käbir hukuk

[1] Чиркин В.Е. Конституционное право зарубежных стран. М., 2001, 2 стр.

meseleler kostitusion hukuk çeşmelerinde we şonuň bilen birlikde, maliýe hukuk çeşmelerinde nygtalyp bilner. Käbir, daşary yurt döwletleriň býujet hukuk tejribesinde býujeti kabul etmek we ýerine ýetirmek barada ýörite kanunlar hem hereket edýär. Mysal üçin, ýörite maliýe kanunlar bolup, ABŞ-nyň "Býužeti balansirlemek we gytlygyna adatdan daşary gözegçilik etmeklik baradaky" 1985 ýylyň kanuny, Fransiýanyň 2 ýanwar 1959 ýylyň Ordonansy, Ýaponiýanyň döwlet maliýesi baradaky 1947 ýylyň kanuny, Ispaniýanyň býužet baradaky umumy kanuny (1991 ý). Her bir döwletiň aýratynlygyny g/öz öňüne tutsak, onda olaryň umumylygynyň bardygyny nygtap bolar. Şonuň üçin her bir döwlet özüniň aýratynlygyna görä:

1) Býujeti düzmek we ýerine ýetirmek soraglarynda döwletleriň degişli edarasynyň ygtyýarlygyny kesgitlemek;
2) býujet gurluşynyň ýörelgesi;
3) býujet toparlanylşy;
4) Býujet prossesi.

Býujet huukgy başlangyç esaslara eýedir. Daşary ýurt döwletleriniň hemmesinde býujeti düzmek we kabul etmeklik umumy ýörelgeler arkaly kesgitlenýär:

1) býujetiň aýdyňlygy;
2) býujetiň bitewiligi;
3) býujetiň göwrümliligi;
4) býujetiň anyklygy;
5) býujetin ýörite görkezijileri.

Aýdyňlyk ýörelgesi - býujeti seretmeklik we tassyklamak tapgyrlaryny, halk köpçüligine habar beriş

serişdeleri arkaly we metpugatda çap neşir etmekligine aýdylýar.

Býujetiň bütewiligi diýmeklik, býujet ulgamynynyň esasyndaky girdeýji we çykdaýjy ugurlaryny maliýe hukuk kadalarynyň esasyna getirmeklige aýdylýar.

Býujetiň göwrümligi diýmeklik döwletiň býujet resminamasynda hemme çykdaýjylary we girdeýjileri hasabata almaklyga aýdylýar.

Býujetiň anyklygy - meýilnamalaşdyrylan girdejileriň ykdysady esaslygyny hukuk-tehniki serişdeler arkaly almaklyga aýdylýar.

Býujetiň ýörite görkezijileri - býujet girdeýjileriň we çykdaýjylaryň anyk çeşmelerini maksatlaýyn ulanmaklyga aýdylýar.

Býujet resminamalarynda şu aşakdaky görkezijileriň esasy görnüşleri ulanylýar:

1) dolandyryş, funksional we maliýe;

1) Dolandyryş häsiýeti boýunça býužetler döwletiň degişli edaralaryň tertibindäki topara bölýär:

a) wekilçilikli edaralar üçin çykdaýjylar;

b) dolandyryş edaralary üçin çykdaýjylar;

c) kazyýet edaralary üçin çykdajylar;

w) döwlet howupsyzlyk we gözegçilik edaralary üçin çykdaýjylar.

2) Funksional häsiýetli topary, esasanam, döwletiň işini ýerine ýetirmekde ulanylýar:

a) döwletiň ykdysady işi üçin (senagat, oba hojalygyna, transporta goýberilýän karzlar);

b) medeni-sosial çäreleri üçin çykdaýjylar (bilime, saglygy goraýyşa, maşgalany goramak üçin, nepaga üpjünçiligi, we ş.m.);

w) halkara işleri üçin (goranyşi üpjün etmek, daşary yurt döwletlerine gaýdyp berilmesiz pul kömegi, halkara guramalarynda maliýe ugurdan gatnaşmaklyk we ş.m.);

g) döwlet häkimýet we hökümet edaralarynyň çykdaýjylary. (aýlyk,gündelik çykdaýjylar, hünäri ýokarlandyrmak we ş.m.).

3) Maliýe häsiýet boýunça topara bölmeklik:

a) aýlyklar, düýpli goýumlar;

b) wagtlaýyn (awans, karz almaklyk);

w) şertli (karzlara döwlet kepilini nygtamak).

Dünýäniň birnäçe döwletlerinde, şol sanda ABŞ, Niderlandiýa, Şwesiýa, Beýik Britaniýada ýokarda bellenen toparlar giňden ulanylýar.

Býujet prossesi - bu býujet prosessual kadalary arkaly býujeti düzmekde, seretmekde, tassyklamakda, ýerine ýetirmekde we onuň hasabatyny tassyklamakdaky hukuk gatnaşyklarynyň jemine aýdylýar. Býujet prosessiniň esasy maksady - döwletiň parlamentiniň ykdysady we maliýe syýasatynyna ýolbaşçylyk we gözegçiligi üpjün etmeklikden ybaratdyr. Býujeti kabul etmekde hemme döwletleriň tejribesi deňräk gelýär. Mysal üçin, Ministrler degişli çykdaýjy maglumatlary maliýe ministirliklerine hödürleýärler. Býujet resminamalary taýýarlamak üçin, käbir döwletlerde aýratyn wedomstwalar hereket edýär. Mysal üçin, ABŞ-da Prezidentiň tabynlygynda - dolandyryş býujetiň müdürligi, Fransiýada býužet we maliýe dolandyryşynyň teklipler edarasy we ş.m. Býujetiň taslamasy maliýe ministrligi tarapyndan toplanyp, soňra hökümýetiň ygtyýarlygyň goramaklygyna berilýär. Soňra, býujetiň taslamasy parlamentiň ygtyýarlygyna hödürlenýär.

Her bir döwletiň býujet kanunynyň taslamasyny ýurduň parlamentine hödürlemek tertibi kesgitlenen, mysal üçün Frasiýada sentýabr aýynyň ikinji ýarymaýlygynda, Awstriýada býujet ýylynyň başlanmagynyň 10 hepde öňünden başlanýar. Býujetiň taslamasyny başlangyç tapgyrda serdilýär, soňra komissiýada garalyp mejlisiň ygtyýarlygyna hödürlenýär. Her bir parlamentiň býujet komissiýasy kanun taslamasyny hemme taraplaýyn garap geçýär we degişli edilen teklipleri göz öňüne tutýar.

Býujet prosessiniň ikinji tapgyry kanuntaslamany seretmek we tassyklamakdyr. Býujet kanunlary belli bir kanunda kesgitlenen möhletde kabul edilýär. Mysal üçün, Fransiýada, GFR - 1-nji ýanwara çenli, Beýik Britaniýada 1-nji aprele çenli.

Kanun taslamalarynyň parlamentiniň palatalarynda seretmekligiň umumy möhleti bardyr. Fransiýanyň Milli Geňeşi taslamany birinji okamakda 40 günüň dowamynda seredýär. Hökümet Senata 15 günüň dowamynda taslamany garamaklyga hödürleýär.

Býujet prosessiniň esasy tapgyry - býujeti ýerine ýetirmeklikdir. Býujeti ýerine ýetirýän edaralar, döwletleriň maliýe ministrligi we ýurduň hökümeti we Merkezi bankydyr. Býujeti ýerine ýetirmeklik:

1. býujetiň girdeýji bölegini ýerine ýetirmeklik;
2. býujetiň çykdaýjy bölegini ýerine ýetirmeklik;

Býujeti kabul etmeklik, saklamak we býujet serişdelerini yzyna gaýtaryp bermeklige - býujetiň kassa tarapyndan ýerine ýetirmeklik diýilip hasaplanýar. Daşary yurt döwletlerde býujet kassa tarapyndan ýerine ýetirmeklik üç görnüşde amala aşyrylýar: a) kaznaçeýlik; b) banklar; w) gatnaşyk.

Fransiýada kaznaçeýlik kassasy, ABŞ - federal ätiýaçlyk ulgamy. GFR - gatyşyk, ýagny kaznaçeýlik we bank ulgamy tarapyndan, býujeti kassa görnüşünde ýerine ýetirilýär. Býujet tapgyrynyň esasy tapgyry - kanuny kabul etmeklik we hasabady ýapmaklykdyr. Parlament tarapyndan býujeti ýerine ýetirmeklik bardaky kanuny, býujet seljerişini tamamlaýar we maliýe ýylynyň jemlenendigini aňladýar.

## § 2. Daşary ýurt döwletlerde salgyt hukugynyň esaslary we ýörelgeleri

Daşary ýurt döwletleriň, şol sanda Ýewropa döwletleriniň salgyt hukuklaryny öwrenmeklik, hökmandyr sebäbi birleşikde baý hukuk nusgawy mehanizmi hereket edýär. Ýewropa bileleşiginiň maliýe hukuk gatnaşygy ýokary derejede ösendir. Bu taryhy baý bolan tejribe birnäçe döwletler üçin uly ähmiýete eýedir. Ýewropa döwletlerinde maliýe hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan birnäçe hukuk çeşmeleri hereket edýär. Maliýe hukuk gatnaşygynda esasy çeşme hökümünde halkara şertnamalar çykyş edýär. Halkara şertnamalary-bileşigiň agza döwletleriniň ykdysadyýetini we daşary söwdasyny ösdürmäge başlangyç hukuk esas bolup çykyş edýär.

Hemme agza döwletleriň arasynda iki taraplaýyn, iki sapar salgyt aýlanyşygyndan aýyrmaklyk baradaky konynsiýalar kabul edildi. Ýewropa bileşiginiň, düzüminde aýratyn maliýe we salgyt komiteti hereket edýär. Ýewropa bileleşigiň salgyt syýasatyny esaslandyran Nýumarkyň hatyrasyna maliýe we salgyt komitetini “Nýumarkyň çykyşy” diýip atlandyrylan.[1]

Daşary yurt döwletlerinde şol sanda Ýewropa bileleşigi döwletlerinde şu aşakdaky çeşmeler hereket edýär: Konstitusiýa; konstitusion kanunlar; parlament tarapyndan kabul edilen kanunlar; halkara-hukuk namalary; kazyýet tejribesi (presedenti); kanun tabynlygyndaky namalar.

[1] Толстопяненко Г.Н. Европейское налоговое право, М., 2001, 52 стр.

Italiýanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasynda şeýle bellik bar: “Hemmeler döwlet çykdaýjysyna salgyt töleg ukyplylykda gatnaşmaga borçlydyr”.[1]

Ýewropa bileleşiginde XX asyryň ikinji ýarymýyllygynda kabul edilen konstitusiýalar giň göwrümde maliýe gatnasyklaryny kadalaşdyrýar. Konstitusiýa esaslandyryjy hemme pudaklar üçin hukuk çeşmesidir. Maliýe hukugynyň, şol sanda salgyt hukugynyň esasy çeşmesi bolup Konstitusiýasynyň 133-nji maddasynda, kanun esasynda salgytlaryň ýuridiki güýje eýe bolmaklygyny kesgitleýär ; salgytlary girizmeklik ýeke-täk döwletiň ygtyýarlygy diýip Ispaniýanli Konstitusiýasynyň 133 maddasynyň birinji bendinde nygtalýar.

Fransiýanyň Konstitusiýasynyň 34 maddasynda “Kanunlar Parlamenti tarapyndan kabul edilýär. “Kanun salgydyň göwrümini we almaklygyň tertibini kesgitleýär”. Beýik Britaniýanyň 1689 ýylda kabul eden Bil barada konstitutsion namada salgydy ýygnamaklygyň tertibini kesgitlenipdir.[2]

Şeýlelikde, konstitusiýa salgyt hukugynyň esasy çeşmesidir:

1) Salgyt hukugynyň ýörelgeleriniň esasynda döwletler ýerli salgytlary girizilýär. Ol bolsa, öz gezeginde salgydy maddy we salgyt prosessi kanunçylygynyň hukuk esasy bolup hyzmat edýär;

---

[1] Италия. Конституция и законодательные акты, М., 1988

[2] Толстопяненко Г.Н. Европейское налоговое право, М., 2001, 97 стр.

2) Döwletiň salgyt işini we merkezi we ýerli salgyt gatnaşygynyň işini kadalaşdyrýan edaralaryň hukuk tertibini kesgitleýär.

Salgyt hukugynyň çeşmeleriniň düzüminde aýratyn orna kanunlar durýar. Her bir döwlet, özüniň konstitusiýasynda salgytlary kanun esasynda ykrar etmekligiň we berkitmekligiň tertibini kesgitleýär. Şonuň üçin, salgyt hukuk gatnaşyklarynyň hukuk esaslary bolup kanunlar çykyş edýär. Salgyt hukukgynyň esasy çeşmesi bolup kanun hasap edilýär. Salgyt hukuk kanunlary öz gezeginde ýörüte salgyt kanunlaryna we umumy (umumyhäsiýetli) salgyt kanunlara bölünýär.

Mysal üçin, 1991 ýylda Russiýa Federasiýasynda kabul edilen "Об основах налоговой системы" kanuny Salgyt aýlanyşygyny kesgitleýän salgyt hukugynyň esasy çeşmesi bolup Salgyt kodeksi hereket edýär. Mysal üçin, Fransiýanyň "Umumy salgyt kodeksi", "Ispaniýanyň umumy salgyt kodeksi", „Beýik Britaniýada umumy kanunlardan başga" Salgyty dolandyrmak kanunlardan, başga, ýörüte salgyt kanunlary hem hereket edýär. Mysal üçin, GFP 1997 ýylda kabul edilen "Girdeji salgyt" bardaky, korporasiýalardan salgyt almaklyk; dolandyryşdan salgyt almaklyk baradaky kanunlar.

Anglosakson hukuk ulgamy hemme ösüş döwürlerde milli hukuk ulgamyny kämilleşdirmäge ýardam beripdir. Kaziýet tejribesi (presendenti) hukugyň taryhy şekili görnüşde hukuk pudaklaryny kämilleşdirmekde uly ýardam berýär.

Daşary yurt döwletlerinde şol sanda Ýewropa Bileleşigi döwletlerinde salgytlar, dürli häsiýetler esasynda bölünýär.

Salgytlar umumylykda merkezi (döwlet) we ýerli salgytlara bölünýär. Salgytlar maksatlaýyn niýet görnüşinde ulanylýar, we umumy maksatlaýyn görnüşde bolýarlar. Umumy salgytlar býuženi dürli derejede doldurmakda köp görnüşde ulanylýan salgytlardyr. Maksatlaýyn salgytlar ýörüte gaznany doldurmak üçin ulanylýan girdeji çeşmedir. Salgytlar obýekti bawatlykda göni we gytak görnüşde bolýar. Göni salgytlar salgyttölegçiniň emläginden we girdejisinden alynýän töleglerdir.

Gytak salgytlar harydyň we hyzmatlaryň nurhynyň ösmegine gönükdirilen tölegdir. Gytak salgytlaryň esasy görnüşi bolup akuiz çykyş edýär. Dünýäniň salgyt tejribesinde ilatdan ýyglanýan we giňden ulanylýan salgyt-fiziki şahsdan alynýan girdeji salgytdyr. Bu salgydyň görnuşi Ýewropanyň ýurtlaryndan giňden ulanylýan tölegdir.

GFR-nda 1977-nji ýylda ýörüte salgyt tölegleri barada Düzgünnama kabul edildi. Bu hukuk namanyň pul tölegi diýip nygtalýar. Gümrük paçlaryny we paçlary Ýewropa Bileşiginiň agza döwletleriniň oba hojalyk önümlerini goramak üçin girizilýär diýip Düzgünnamada kesgitlenýär.

Bu Düzgünnamanyň manysyna ser salsak, onda Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasynda salgytlaryň paçlardan tapawutlygyny häsiýetlendirýän düşünjäniň bardygyna göz ýetirip bolar. Daşary yurt döwletlerde “Salgyt hukugy” we “salgyt kanunçylygy” diýen düşünjä gabat gelýäris.

Ýöne, salgyt kanunçylygynyň gysga we giň manyly düşünjesi bardyr. Salgyt kanunçylygy gysga manyda parlament tarapyndan kabul edilen kanun toplumydyr:

a) aýratyn salgytlary girizmezlik we käbir salgytlary aýyrmaklyk. Mysal üçin, girdeji salgyt barada kanun, korparasion salgyt baradaky kanun we ş.m.;

b) umumy häsiýete eýe bolýan (kodeksler). Mysal üçin, ABŞ içerki girdejiler baradaky kodeksi ; Fransiýanyň salgytlar baradaky Umumy kodeksiwe ş.m.

Salgyt kanunçylygy giň manyda - döwletiň degişli edaralary tarapyndan kabul edilen salgyt kanunlarynyň we salgyt kanunlarynyň tabynlygynda kabul edilen namalaryň jeminiň toplumyna aýdylýar. Salgyt hukugy giň manyda salgyt kanunçylygydyr:

a) Salgyt gatnaşygynda ulanylýan umumy hukuk ýörelgeleri;

b) Konstitusiýada we salgyt kanunçylykda berkidilen salgyt hukugynyň umumy ýörelgeleri;

w) Kaziýet tejribesi we kaziýet edarasynyň salgyt hukugy baradaky düşündirişleri;

g) Ylmy doktrinalar.

Daşary yurt döwletlerde salgyt hukugyny çeşmelerini şu tertipde toplap bolar:

1) Konstitusiýa;
2) Konstitusion we we düzümli kanunlar;
3) Parlament tarapyndan kabul edilen kanunlar;
4) halkara-hukuk namalary;
5) kazyýet tejribesi;
6) kanunyň tabynlygyndaky namalar.

GFR-nyň konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda “Hemme adamlar kanunyň öňünde deňdirler” diýip bellenilýär. Italiýanyň konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda “Hemme adamlaryň mertebesi deňdir we kanunyň öňüde deňdir” diýlip nygtalýar. ABŞ-nyň konstitusiýasynyň 2-nji

bölüminiň IV maddasynda şeýle diýilýär, “Her ştatyň raýatynyň hukuklaryaýratynlyklary we ýeňillikleri deňdir” diýlip nygtalýar. Federatiw döwletlerde Federal hukuklar ýokary tutulýar. ABŞ-nyň konstitusiýasynyň VI maddasynda “ABŞ-nyň konstitusiýasy we kanunlary we kabul edilen hemme şertnamalar ýurduň ýokary kanunydyr” diýlip nygtalýar. ABŞ-nyň salgyt ulgamynda salgyt hukugynyň esasy ýörelgeleri berkidilendir.

Salgytlar esasy ýörelgelere eýedir. ABŞ Konstitusiýasynyň 8 bölüminiň 1 maddasy laýyklykda Kongress salgytlary ýygnamaklygyň tertibini, paçlary, ýygymlary we akuiziýeri girizýär. Salgytaýlanyşygynda adalatlyk ýörelgesi esasy orna eýedir Fransiýanyň 1789 ýylyň Jarnamasynda (13 madda), ýaragli güýçleri we dolandyryşyň mazmunyny hökmanydyr ; ýöne her bir raýatyň ýagdaýyna görä deňlik saklanmalydyr.

Daşary yurt döwletde salgyt ulgamynyň we salgytlaryň görnüşleri deňlikde tutulýar. Maliýe-hukuk kadalarynyň göwrümini we mazmunyny konstitusiýada kesgitleýär. Umuman, geçen asyryň ikinji ýarymynda daşaryýurt döwletlerinde kabul edilen konstitusiýada maliýe gatnaşyklary barada nygtalyp geçilýär.

Konstitusiýa - esaslandyryjy we umumy häsiýete eýe bolan çeşmedir. Konstitusiýa salgyt hukugynyň esasy çeşmesidir, sebäbi ol özünde:

1) merkezi we ýerli salgytlaryň hukuk esasyny kesgitleýär;

2) maddy we seljeriş salgyt kanunçylygyny döretmegiň hukuk esasydyr;

3) salgyt gatnaşyk gatlakda döwletiň salgyt işininiň hukuk esasy bolup hyzmat edýär.

Konstitusiýada kesgitlenen umumy ýörelgeleri iki topara bölmek bolar;

1) salgyt hukuk gatnaşygynyň görnüşlerini kesgitleýän umumy hukuk ýörelgeleri;

2) salgyt hukuk gatnaşyklaryny kesgitleýän ýörite salgyt hukuk ýörelgeleri.

Umumy hukuk ýörelgeleri:

1) Salgyt kanunyň öňünde raýatlaryň deňlik hukugy. Bu ýörelge döwletleriň konstitusiýasynda berkidilýär. Salgytlar Parlament kanunlary esasynda, girizilýär, üýtgeýär we ýatyrylýar. Käbir döwletlerinde salgytlary kanun esasynda girizilmek tertibi kesgitlenen (Ýaponiýanyň Konstitusiýasynyň 30-nji maddasy ; Ispaniýanyň Konstitusiýasynyň 133-nji maddasy).

ABŞ kostitusiýasynda salgytlar kanunyň esasynda girizilýär. Mysal üçin, ABŞ-nyň Kongresi salgytlary girizýär we ýatyrýar (8 bölüm 1-nji maddasy). Daşary ýurt döwletlerde salgyt işleriniň esasyny we degişli edaralaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär. Käbir döwletleriň Konstitusiýasynda salgyt gatnaşyklaryň anyk kanun esasynda girizilýändigini nygtalýar. Mysal üçin, GFP Konstitusiýasynda Federasiýanyň we onuň düzümindäki subýektleriň (ýerleriň) ygtyýarlyklary kesgitlenen:

1) 105 maddada Federasiýanyň we ýerleriň salgyt ygtyýarlyklary ;

2) 106 maddanyň (1-2 bentleri) Federasiýanyň girdejileriň görnüşlerini girizmek hukugyny kesgitleýär.

3) 106 maddanyň (3-7 bentleri) ýerlerden we obşinalardan salgytlaryň Federasiýada paýlanyşyny nygtaýar.

4) 108 madda Federasiýanyň we ýerleriň maliýe ygtyýarlygyny kesgitleýär.

Salgyt hukugynyň çeşmeleriniň ulgamynda Konstitutsion kanunlar uly orna eýedir. Bu kanun salgyt hukuk gatnaşygynda giňden ulanylýan hukuk çeşmedir. Bu hukuk çeşme döwlet edaralarynyň hukuk salgyt ygtyýarlyklaryny kesgitleýär. Döwlet we ýerli salgytlaryň araçägini çäklendirýär. Ispaniýada Kataloniýanyň awtonom Statuty baradaky 1979 ýylyň 18 dekabyrynda kabul eden Konstitutsion kanuny.

Salgyt hukugynyň kadalarynyň mazmuny kesgitleýän kanunlar iki görnüşde bolýar.

1) Ýörite salgyt kanunlary özüniň däbi boýunça salgytlaryň aýratyn görnüşleri kadalaşdyrýär;

2) Umumy salgyt kanunlary-esasanam salgyt kodeksleri ; salgyt baradaky umumy kanunlar.

Şu ýokarda nygtalyp geçilen salgyt hukugynyň esasy çeşmeleri, salgyt hukuk gatnaşygynyň esasy hukuk binýadydyr.

## § 3. Daşary ýurt döwletlerde maliýe gözegçiliginiň esaslary

Maliýe gözegçiligi - býužetiň ýerine ýetirilişine we döwlet maliýe serişdeleriniň kanunçylyk esasynda ulanmaklykdaky gözegçilige aýdylýar. Maliýe gözegçiliginiň esasy maksady, döwlet girdeji serişdeleriniň dogry we wagtynda üpjün edilmegini, olaryň paýlanyşyna, maliýe ulgam hasabyny we hasabatyny derňemek, döwlet maliýe serişdeleriniň ýerlikli ulanylyşyny, maliýe düzgün tertibine garşy jenaýatlaryň özüni almak we hukuk bozulmalarynyň öňüni almak üçin amala aşyrylýar.

Maliýe gözegçiligi şekile we usula eýedir. Daşary yurt kanunçylygynda esasanam maliýe gözegçiliginiň üç sany esasy şekili ulanylýar:

a) Ilkinji gözegçilik-býužet resminamalarynyň taslamasyny düzülende, oňa gözegçilik etmek, we býužet serişdelerine geçirilýän maliýe pul serişdeleriniň goýberilişine gözegçiligi amala aşyrylýar;

b) Häzirki gözegçilik býujeti ýerine ýetirilendäki gözegçilikdir;

w) Soňky gözegçilik - býujetiň girdeji we çykdaýjy maddalarynyň netijesiniň ýerine ýetirilişine we maliýe serişdeleriniň ýerlikli sary edilişine gözegçiligi gurnalýar.

Daşary ýurtlarda gözegçiligiň usulynyň şu aşakdaky görnüşleri bardyr: derňew, inspeksiýasy, barlag, gözegçilik.

Maliýe gözegçilik işiniň esasy bolup hukuk resminamalary hyzmat edýär:

a) Konstitusiýa;

b) Parlamentleriň palatasynyň reglamenti;

w) maliýe gözegçiligini kesgitleýän kanunlar we kanunyň tabynlygyndaky;

g) döwlet maliýe serişdeleriniň ulanyşynyň hasabatyny kadalaşdyrýan başga kanunlar.

Maliýe gözegçiliginiň edaralary. Parlament.

Maliýe işine parlament gözegçiligini dört sany esasy şekilde amala aşyrylýar:

1) Býujetiň taslamasyny we onuň hasabatynyň ýerine ýetirilişini seratmeklik, parlamentiň plenar ýygnanşygynda serdilýär. Parlament tarapyndan amala aşyrylýan gözegçiligiň gös-göni şekili hökümetiň, onuň düzümindäki ministrlikleriň, esasanam maliýe ministrligine gönükdirilendir. Bu gözegçiligiň şekili daşary yurt döwletleriň hemmesinde umumy ähmiýetli häsiýetde ulanylýar. Mydamalyk hereket edýän parlament komitetleri (mysal üçin býujet komitetleri) we barlag komitetleri (toparlar) dürli döwlet edaralarynyň maliýe gözegçiligi amala aşyrýarlar. Maliýe gözegçiligi amala aşyrýan, dürli komitetler özleriniň ygtyýarlyklary boýunça dünýäniň aglaba döwletlerinde özboluşly aýratynlyklara eýedir. Şwesiýa döwletinde bu palatalar parlamentiň düzümindäki wekilçilikli palatalar tarapyndan düzülýär. Şwesariýa döwletinde parlament tarapyndan amala aşyrylýan maliýe gözegçilik ýörite maliýe “delegasiýasy” tarapyndan amala aşyrylýar. Beýik Britaniýada parlament komiteti tarapyndan amala aşyrylýan maliýe gözegçilik jemagat hasabaty komiteti tarapyndan durmuşa geçirilýär. Jemagat

hasabat komitetleri Hindistanda we Awstraliýada hereket edýär.[1]

Fransiýada parlament gözegçiligi iki palatanyň düzüminde hereket edýän mydamalyk we wagtlaýyn toparlar tarapyndan dolandyrylýar. Senatada gözegçilik işini Ykdysady we meýilnama Topary hem-de maliýe, býužete, Ykdysadyýete gözegçilik edýän topar. Milli Ýygnakda mydamalyk hereket edýän maliýe topary we ykdysadyýete we meýilnama umumy wajyplyk topary.[2]

GFR-nda maliýe-gözegçilik işini parlamentde Bundestagyň býujet topary tarapyndan durmuşa geçirilýär.

Dünýäniň parlament tejribesinde gündelik gözegçiligi deputatlaryň ýüzlenmesi görnüşünde amala aşyrylýar. Şwesiýada Riksdagyň (parlament)deputatlaryň düzüminden 12 sany derňewçiler, döwlet edaralarynyň we dolandyryş administrasiýasynyň maliýe işleriniň netijesine barlaglary geçirýärler.

Beýik Britaniýada maliýe gözegçiligini jemagat hasabatlary komitetlerinden başga, Baş gözegçilik we auditorlar alyp barýarlar. Auditor gullygynyň baştutany höküminde, auditiň we gözegçiligiň Başlygy, Britaniýanyň milletler arkalaşygynyň ýurtlarynda maliýe gözegçiligini amala aşyrýar (Hindistan, Awstraliýa we ş.m.).

Hasabat palata. Kontitental Ýewropa döwletlerinde hasabat palatasy döwlet edara görnüşünde ýokary gözegçilik edarasydyr. Ýewropa ýurtlarynyň hasabat palatalary umumylygyda eýedir:

---

[1] Конституционное право зарубежных стран, ред. М.В.Баглая, Е.И.Лейбо, Л.М.Энтин, М., 1999, стр. 129-131

[2] Регламент национального собрания (Французская республика. Конституция и законодательные акты), М/ 1989. 36, стр. 146

1) Döwlet edaralarynyň maliýe resminamalary barlamak hukugy;

2) Her ýylda parlamende derňewleriň netijesini we maliýe düzgünleriniň bozulmalarynyň öňüni almak we günäkärleri degişli jogapkärçilige çekmeklik.

Hasap palatanyň maliýe barlag netijesi:

a) san maglumatlaryň anyklygyny ýüze çykarmak;

b) döwlet edaralarynyň işleriniň we umumy görkezmäniň talabyna laýyklygyny kesgitlemek;

w) anyk maliýe işleriniň ykdysadyýetiň we ugurlaryna getirmeklik.

Käbir döwletleriň milli kanunçylygynyň esasynda hasap palatalarynyň işiniň aýratynlyklaryny görmek bolar. Mysal üçin, Italiýanyň Konstitusiýasynyň 100-nji maddasy laýyklykda, hasap palatasy döwlet edaralarynyň, kärhanalaryň we guramalaryň maliýe işine gözegçilik işinden başga, hökümýetiň kanunçylyk namalarynyň kanuna laýyklygynyň başlangyç gözegçiligini amala aşyrýar.

Fransiýanyň Konstitusiýasynyň 47-nji maddasy we 1982 ýylyň 2 martynda N 82-213 belgili “Hasap palata baradaky” kanuny laýyklykda, hasap palata ýeke bir dolandyryş ygtyýarlyga eýe bolman, eýsem, maliýe barlag işlerine kaziýet ygtyýarlygynada eýe boyar. Portugaliýada, şol sanda Fransiýada hasap palatasy ýeke-täk maliýe gözegçilik edarasy bolman, eýsem kazyýet tabynlygydyr. GFR-nyň “Federal hasap palatasy baradaky” 1985 ýylyň 11 iýulynda kabul eden kanuny laýyklykda, Federal hasap palatasy býužet serişdeleriniň sarp edilişine gözegçiligi amala aşyrýar.

Döwleti hökümeti hem dürli şekilde maliýe gözegçiligini amala aşyrýar. Esasanam häzirki gözegçiligi amala aşyrýar. Maliýe gözegçilik işleri ýerine ýetirmek üçin hökümýetiň düzüminde degişli komitetler we toparlar döredilýär. Beýikbritaniýada Ykdysadyýet komitetiň müdürligi we kätibiýet bölümi; Fransiýada Meýilnamalaşdyrmagyň Baş Komussarianti Germaniýada hökümýetiň maliýe gözegçiligini kanselýariýanyň Ykdysadyýet komiteti tarapyndan dolandyrýar.

Daşary ýurt döwletlerinde döwlet býžetiň býužetiniň we degişli Ministrlikleriniň maliýe işlerine gözegçiligi maliýe Ministrlikler tarapyndan amala aşyrylýar. Maliýe gözegçiligini maliýe ministrliginiň düzümindäki ýorüte we umumy bölümler tarapyndan dolandyrylýar. Mysal üçin, Beýikbritaniýada gözegçilik işini Kaznaçeýlik tarapyndan amala aşyrylýar : a) ýörüteleşdirilen we umumy bölümler tarapyndan. b) Merkezi edaralary tarapyndan: Içeri girdeji dolandyryş edarasy; dolandyryş edarasy; Içeri döwlet karz dolandyryşy; Süýşürüntgi goýumlar boýunça Milli komiteti. Fransiýada ykdysady we maliýe ministrliginiň ýörüte edaralary maliýe gözegçiligini durmuşa geçirýär. Onuň düzümindäki birnäçe barlag gulluk edaralary maliýe gözegçilik işi bilen meşgullanýar : Maliýe Baş inspeksiýasy, Baş dolandyryş inspeksiýasy.

GFR-niň maliýe ministrliginiň düzüminde maliýe gözegçiligini bölümler tarapyndan dolandyrylýar, ýöriteleşdirilen edaralary ýok.

ABŞ-nyň Býujeti dolandyryş edarasy býužetiň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýar, maliýe gözegçiligini hasabaty Baş dolandyryjy tarapyndan. Baş gözegçi tarapyndan dolandyrylýar. Ony Prezident tarapyndan

Senatyň razyçylygy esasynda bellenýär. Maliýe gözegçilik ulgamynyň bölegi bolup, salgytlaryň ýygnalyş tertibine gözegçilig işini amala aşyrýan döwlet edaralary bardyr. Aglaba ýurtlarda merkezi salgyt edaralary bardyr. Käbir, döwletlerde bolsa maliýe ministrliginiň düzüminde hereket edýän dolandyryş bölümleri bardyr. Mysal üçin, Şwesiýada Maliýe ministrliginiň Merkezi salgyt dolandyryşy; ABŞ-nyň Maliýe ministrliginiň içerki girdeji Gullygy; Fransiýanyň Ykdysady we maliýe ministrliginiň salgyt Dolandyryş edarasy: HHR-nyň Maliýe ministrliginiň Baş döwlet salgyt doladyryşy; Rumyniýa döwletiniň döwlet maliýesiniň gözegçilik dolandyryşy we ş.m.

Maliýe gözegçilik işine degişli edaralardan, başga, edaralarda we kärhanalarda "hasabat gözegçiligi" gözegçiligi hem hereket edýär. Bu gözegçilik, esasanam maliýe borçlaryny ýerlerde amala aşyrylşyna gözegçiligi gurnaýar. Gözegçilik işini baş hasabatçylar ýerine ýetirýär.

Bank gözegçiligi maliýe gözegçiliginiň bir görnüşidir. Bu gözegçiligiň görnüşini döwletleriň merkezi banklary we bank ulgamy tarapyndan gurnalýar. Mysal üçin, Frasiýada maliýe bank gözegçiligi ýurtda 1993 ýylda kabul edilen "Fransiýa" Bankynyň derejesi baradaky kanun arkaly kadalaşdyrylýar. Merkezi Bankyň düzümindäki banklar baradaky komitet, karz edaralaryň komiteti we ş.m.

GFR - bank gözegçiligi Merkezi bank - Nemes Federal banky tarapyndan aşyrylýar. Germaniýanyň Merkezi banky barada 1957 ýylda, soňra 1992 ýylda kanun kabul edildi.

Daşary ýurt döwletlerinde ýerli maliýe gözegçiligi amala aşyrylýar. Ýerlerde, ýerli administrasiýalarda ýerli maliýe edaralary hereket edýär. Olar, ýerli býužetleriň ýerine ýetirilişine gözegçiligi ýerine ýetirýärler.

Beýik Britaniýada we käbir döwletlerde ýerlerde, ýerli maliýe gözegçiligini:

a) ýerli häkimlikleriň auditorlary tarapyndan;

b) Degişli ministrlikler bellenen auditorlar.

Şwesiýada ýerli gözegçiligi, ýerlerdäki ygtyýarly derňewçiler tarapyndan dolandyrylýar. Derňewiň, düzmi üç we ondan gowrak adamdan bolýar, we olar esasy iş ýerinden boşadylýar. Awstriýada ýerli maliýe gözegçilik Hasap palatasy tarapyndan derňew edilýär. Hasap palatasyny Milli Geňeş we Prezident tarapyndan döredilýär.

Şeýlelikde, ýerli gözegçilik edaralar ulgamy, döwletlerde amala aşyrylýan umumy gözegçiligiň düzümidir.

# BAP 6. MALIÝE GÖZEGÇILIGI.

## §1. Maliýe gözegçiligi barada düşünje.

Döwletiň ykdysady ýagdaýyny, sosial – ykdysady ösüşe seljerişini dolandyrmakda gözegçiligiň esasy orny bardyr. Umumy gözegçilik ulgamynyň düzümünde maliýe gözegçiligi aýratyn orna eýedir. Maliýe gözegçiliginiň maksady döwletiň maliýe syýasatynda, maliýe serişdeleriniň tygşytly ulanmagyny ýörüte etmekdir.

Gözegçilik üç jähetden garalýar:

- Guramaçykykly gözegçilik – gözegçiligiň şekil saýlamak, subýekt we obýekt düzümi.
- Usulyýet gözegçiligi – gözegçiligiň hereketiniň usulyýeti amala aşyrmak.
- Tehniki gözegçilik – resminamalary we operasiýalary toplumlaýyn usullar arkaly barlag etmek.

Maliýe gözegçilik başlangyç esasda döwletiň maliýe işiniň görnüşi hökmünde garap bolar. Her bir döwletiň maliýe işini amala aşyrmakda köptaraplaýyn we dürli – dürli işleri ýerine ýetirilýär. Bu iş döwletiň gaznasyny döretmek, paýlamak we ulanmakda pul serişdesi bilen baglanşykdadyr. Maliýe gözegçiligi döwletiň gaznasyny döretmekde, paýlamakda we ony ulanmakdaky işleriň barlag netijesine gönükdirilendir. Maliýe ykdysady kategoriýa şonuň üçin ýeke , paýlamak häsiýete eýe bolman, eýsem gözegçilik işine (funksiýa) hem eýedir.

Döwlet maliýe işlerini döredýar, bölýär we paýlaýar, sebäbi bu işler döwletiň funksiýasyny amala aşyrmak üçin mahsusdyr. Bu işleri kadaly sarp etmek üçin hökmany suratda maliýe gözegçiligi gerekdir. Şonuň üçin, her bir

döwlet öz öňünde durýan meselelerini çözmek üçin we olary ýerine ýetirmek üçin gözegçilik işleri arklay amala aşyrýär. Maliýe gözegçiligiň esasy obýekti bolup pul serişdeleri çykyş edýär. Döwletiň maliýe serişdeleri budjet ulgamynyň dürli derejelerinde ornaşýär.Barlaglar maliýe görkezjileriniň tygşytly ulanyşyna ( nyrh görkezjileri – girdeji, salgytlar, dürli maksatlara we gaznalara gönükdürilýän serişdeleri) we olaryň netijesini anyklamak üçin niýetlenýär. Maliýe gözegçiligi edaralarda serişdeleriň hemme görkezijileriniň netijesini barlamak üçin geçirilýär.

Maliýe gözegçiliginiň esasy meselesi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Döwlet budjetiniň maliýe serişdeleriniň ýerlikli we maksatlaýyn ulanyşyna gözegçilik:
2. Döwlet budjetiniň öňünde maliýe borçlylygy ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak:
3. Içerki önümçilik maliýe ätiýaçlyk maliýe serişdeleriniň ulanylyşyna gözegçilik etmek:
4. Edaralarda, kärhanalarda, guramalarda pul serişdeleriniň tygşytly ulanylyşy we buhgalter hasabat maglumat resminamalarynyň ýöredişine gözegçilik etmek.
5. Salgyt kanunçylygyna we gaýra hukuk namalarynyň üpçün edilişine gözegçilik:
6. Edaralaryň daşary ykdysady işlerde woluta serişdeleriniň tygşyl we kanun esasynda ulanylyşyna gözegçilik:

Maliýe çäre täsirleri maliýe funksiýalar arkaly durmuşa geçirilýär. Şonuň üçin, maliýe gözegçiligi edara, kärhanalaryň, guramalarynyň, maliýe – bank edaralarynyň, maliýe düzgün tertiplerini berjaý etmekligi bilen baglanyşyklydyr.

Şeýlelikde, maliýe gözegçiligi, döwletiň maliýe işiniň bir görnüşi hökmünde, döwlet edaralarynyň, şol sanda ýörite edaralarynyň barlag netijesinde kanunçylygyň we maliýe düzgünleriniň ýerine ýetirilişini, pul serişdelerini döretmekde, paýlamakda we ulamakdaky alyp barylýan işleriň netijesine aýdylýar.

Soňky döwürlerde maliýe hukugynyň nazary meseleleri alymlar tarapyndan giňden öwrenilip başlanyldy. Esasanam şu ugurlary: maliýe hukugynyň predmeti usuly, institutlary, maliýe hukuk kategoriýa we ş.m. Maliýe hukugynyň hünärmentleri esasanam budjet, salgyt, karz, baňk hukuklary giňlikde öwrenilýär. Häzirki wagtda GDA maliýe hukugynyň akymlary tarapynda maliýe hukuklarynyň umumy bölüminiň esasy instituty bolan maliýe gözegçilik giňden öwrenilýär. 1)E.Ю. Graçerk maliýe gözegçiligine şeýle häsiýetnama berýär. Maliýe gözegçiligi maliýe hukugynyň iň bir çylşyrymly pudagynyň biridir. Säbäbi maliýe hukuk kadalara özüne umumy hem aýratyn bölümini gurşap alýandyr.”- diýip nygtaýar. 2) Aşmarina E.M. alym aýtmagyna görä, maliýe hukugynyň bitewi institutlarynyň maliýe gözegçilik hukugyna öwrüläýse ýerlikli bolar diýip hasaplapdyr.3)Maliýe gözegçiligi ýene bir maliýe hukuk kadalaryna eýe bolan, eýsem dolandyryş hukugynyň hem kadakaryna eýedir. Budjet, salgyt kanunçylygy bozulan halatda dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilner, gümrük, hatda jenaýat hukugynda maliýe gözegçiligi we onuň jogapkärçiligi meseleleri duş gelýär.

## §2. Türkmenistanda Maliýe gözegçilik edaralary.

Täze galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanynda Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde maliýe hukuk syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistan döwletimizde ykdysady ösüşler dowam edýär. Ýurdumuz ykdysady ösüş ädimleri bilen dünýä maliýe ulgamyna ornaşmagy, döwletimiziň, maliýe serişdelerini tygşytly we netijeli dolandyrmaklygy talap edýär. Bu bolsa döwletimiziň degişli edaralaryna bellli bir borçlygy ýükleýär.

Döwletimizde hemme edaralary maliýe gözegçiligi bilen meşgul bolýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 49-njy maddasyna laýyklykda Türkmenistanda ýokary döwlet häkimýetini we dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň MIsnistrler kabineti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti amala aşyrýar.

Konstitusiýanyň 60, 73 we 100 maddalarynyň esasynda döwlet häkimýeti üç şahalykda; kanun çykaryjy, ýerne ýetiriji we kazyýet häkimýeti arkaly amala aşyrylýar. Türkmenistan döwletimizde kanun çykaryjy häkimiýet – Mejlisdir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 64 maddasynyň üçünji bendinde “ Türkmenistanyň döwlet budjetini we onuň ýerine ýetiilişini hakyndaky hasabaty tassyklamak baradaky meselä garamak işler boýunça ygtyýarlyk nygtalandyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 76 maddasy laýyklykda Türkmenistanyň ministrler kabineti “ pul karz ulgamyny pugtalandyrmak boýunça çäreleri görýär. Konstitusiýamyzyň 100-nji maddasyna laýyklykda “Sud häkimýeti raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun

tarapyndan goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramaga niýetlenendir. Ýurdumyzda umumy döwlet maliýe işine gözegçilik edaralarynyň ulgamynda aýratyn orna Türkmenistanyň maliýe ministrligi eýedir. Tükrmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň Ýanwar aýynyň 15-nde “Türkmenistanyň maliýe ministrligiň işini kämilleşdirmek hakynda” karar Kabul etdi. Bu karar esasynda Türkmenistanyň maliýe ministrligi hakynda düzgünnama Kabul edildi. Bu düzgünnama esasynda maliýe ministrliginiň düzümine birnäçe müdürlikler döredildi, şol sanda, Barlag – derňew; gazna we maliýe gözegçiligi müdürlikleri döredildi we kanun bilen birlikde bu müdürlikleriň Düzgünnamalary tassyklanyldy. Türkmenistanyň maliýe ministrligi Türkmenistanda durnukly durmuş, ykdysady ösüşi, jenaýatçlykly ýol bilen alnan girdejileriniň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmegi üpjün edýän, maliýe, budjet, salgyt ätiýaçlandyryş, auditorçylyk işlerini, buhgalterçylyk hasaba alynyşynyň we maliýe hasabatlarynyň usullaryny işläp düzmek babatda bir bütewi döwlet syýsatynyň işlenip taýýarlanmagynyň we durmuşa geçirilmegini üpjün edýän, şeýle he ýokarda agzalan ulgamlarda ýurdumuzyň beýleki ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň ýerli ýerine ýetirişi häkimýet we öz – özüni dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrýan döwlet edarasydyr.Ýokarda bilişimiz ýaly bu karar esasynda maliýe ministrliginiň düzüminde maliýe gözegçilik müdürligi hakynda düzgünnama kabul edildi. Müdürligiň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Pul serişdeleri ýa-da beýleki emläkler bilen bagly şühbeli geleşikleri we amallary seljerýär; jenaýatçylykly

ýol bilen alnan girdejileriniň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakyndaky Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bozulmagyna ýol bermezlik üçin öňüni alyş çärelerini işläp taýýarlamak we geçirmek, olaryň ulanyş tejribesini umumylaşdyrmak we bu meseleler boýunça kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kamilleşdirmek boýunça işleri amala aşyrýar; pul serişdeleri we beýleki emläkler bilen amallar we geleşikler barada hökmany gözegçilige degişli maglumatlary hasaba almagyň, işlemegiň we seljermegiň awtomatlaşdyrylan ulgamyny döredýär we ýöredýär; halkara grantlaryny, beýleki tehniki kömegi ulanyp, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmegiň halkara tejribesini amallary geçirmegiň tehnologiýasyny öwrenýär we işe ornaşdyrýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyryklaryna laýyklykda, halkara hyzmatdaşlygy boýunça maksatanamalaryny, halkara konwensiýalaryny işläp taýýarlamaga we ýerine ýetirmäge gatnaşýar, maglumatlary alyşmak barada şertnamalary baglaşmak boýunça teklipleri berýar;

Türkmenistanyň kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda talaba laýyk iş alyp barýar.

Türkmenistan döwletimiziň maliýe-karz ulgamynyň düzümüne aýratyn orna – Türkmenistanyň merkezi banky eýedir. Türkmenistan döwletimizde bank ulgamy garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap ýola goýuldy. 1992 ýylyň 19 maýynda “Türmeknistanyň

döwlet(merkezi)banky” barada kanun Kabul edildi. Türkmenistanyň bank ulgamy kämilleşdi, banklaryň arasynda gatnaşyklar ýola düşdi, goýumçularyň we kredit edaralarynyň bähbitleriniň tertipleri kepillendirildi we kadalaşdyryldy.

Türkmenistanda 1993-nji ýylyň 8 oktýabrynda “Türkmenistanyň merkezi banky” barada Kabul edildi.

Türkmenistanyň merkezi bankynyň hukuk derejesiniň aýratynlygy bardyr. Bir tarapdan banklar ýuridiki şahslardyr(1 madda), 9 karz edaralary müşderler bilen raýat huku geleşiklerini baglaşyp biler. Türkmenistanyň merkezi banky aýratyn işleri durmuşa geçirýär:

–Pul birliginiň durnuklygyny upjün etmeklik.

–Nyrhlaryň dyrnuklylygyny we ösüşini saklamak.

–Bank ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmeklik.

–Türkmenistanyň ministrler kabinetiniň ykdysady syýasatyny goldamak. Türkmenistanyň merkezi bankynyň öňünde esasy meseleler hem durýar.

–Karz-pul syýasatyny döretmek we durmuşa geçirmek.

–Woluta syýasatyny döretmek we durmuşa geçirmek

–Bank ulgamynyň düzümüne gözegçilik etmek we lisensiýa bermeklik;

–Döwletler halkara gornaryny saklamak we dolandyrmak;

–Hasaplaýyş ulgamynyň durnukly hereket etmegini gazanmaklyk hasaplaýyş işlerinde banklar gözegçiligi durmuşa geçirýär, Bank gözegçiliginiň obýekti bolup töleg serişdeleriniň aýlanyşygy çykyş edýär. Banklar töleg serişdeleriniň wagtly-wagtynda tölänligini we

hasaplaşyklarynyň möhletinde geçirilmegine gözegçilik edýär. Maliýe gözegçiliginiň ulgamyna salgyt gözegçiligiň hem orny bardyr. Türkmenistan döwletimizde ssalgyt syýasatyny durmuşa geçirmekde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gulluk edarasynyň orny bar. Türkmenistanyň Baş salgyt edarasy şu aşakdaky ygtyýarlyklara eýedir:

–Salgyt tölegçileriň salgytlary wagtynda we dolylykda tölemekligini üpjün edýär.

–Türkmenistanyň döwlet budjetine gönükdirilýän salgyt tölegleriniň wagtynda we göwrümde tölenmegine salgyt gözegçiligini amala aşyrýar;

–Salgyt barlaglaryny geçirmekligini gurnamak;

–Salgyt tölegçileriň arza we şikaýatlaryny kesgitlenen tertipde seretmek;

–Telekeçilik bilen meşhur bolýan fiziki şahslary döwlet hasabyna almaklyk.

## §3. Maliýe gözegçiliginiň görnüşleri, şekili we ony geçirmekligiň usuly.

Maliýe gözegçilik döwletiň degişli we ýörüte edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Maliýe gözegçilgi subýektler tarapyndan amala aşyrylanda, döwlet içerki hojalyk we garaşsyz (auditor) mliýe gözegçiligi. Şeýlelikde, gözegçiligi şu aşakdaky toparlara bölünip bilner. Dölwet maliýe gözegçiligi döwletiň häkimýet we hökümet edaralary tarapyndan umumy döwlet, wedomstwadan, daşary edaralar, we wedomstleýin maliýe gözegçligi:

a) Umumy döwlet gözegçiligi özüniň derejesi boýunça ýokary ähmiýe eýedir. Hazirki döwürde Türkmenistanyň parlamenti we ministrler kabineti. Umumy döwlet maliýe gözegçiligi döwletiň çäginde hemme obýektleri olaryň tabynlygyndan garamazdan barlaga degişlidir. Döwletiň kanun çykaryjy edarasy maliýe gözegçiligini amala aşyranda, döwleti ykdysady we durmuşy taýdan ösdürmegiň,meýilnamaly budjetiniň taslamasynyň we onuň hasabatyny seretmek tertibine seredýär. Döwlet serişdeleriniň kanunçylyk, tygşytly ulanymagyny we çykdaýjylaryň sasany edilişine gözegçilik aşyrýar.

b) Wedomstwadan daşary maliýe gözegçiligini maliýe – karz edaralar, ýagny Türkmenistayň maliýe ministrligi; Türkmenistanyň merkezi baňky; Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt edarasy. Bu edaralaryň gözegçilik işleri barada aşakda nygtap geçeris. Bu edaralaryň maliýe işine gözegçiligi gündelik, yzygiderlikde we mydamalyk häsiýete eýedir. Barlaglaryň obýekti wedomstwalaryň tabynlygyna garamazdan geçirilýär.

c) Wedomstwalaýyn gözegçilik – minsterstwolary, wedomstwalary, dürli döwlet dolandyryş edaralarynyň düzüminde girýän kärhanalary, edara we guramalary gözegçilik etmeklikdir. Gözegçlik ýörite bölümleriň gözegçilik – barlag dolandyryşlar tarapyndan amala aşyrylýar. Barlagyň obýekti bolup önümçilik ýa – da şol edaralaryň tabynlygyndaky edaralaryň maliýe işiniň netijelerini hem – de maliýe düzgünliligini barlamakdan ybarat. Içerki hojalyk maliýe gözegçiligi – kärhananyň we edaralarynyň ýolbaşçylaryň (hasapçylarynyň, maliýe bölümleriniň, aýlyk hakyny meýilnamalaşdyrýan we kadalaşdyrýan bölümler) ýerine ýetirýän barlag netijelerine aýdylýar.

Maliýe gözegçiliginiň şekili we usuly – gözegçilik hereketleri gurnmaklyga we usul arkaly beýan etmeklikdir – barlaglar we riwiziýalar. Maliýe gözegçiligi wagtyň çäginde we öňi syrasynda geçirilýär. Şonuň üçin şu toparlara bölünýär:

Başlangyç, Gündelik we Yzyndan gelýän görnüslerden ybarat bolýar.

**Başlangyç** – maliýe gözegçiligi stadiýalar arkaly edaralaryň we kärhanalaryň maliýe meýilnamalaryna seredýärler we tassyklanyşyny barlaýarlar; edara we guramalara girdeji we çykdajy ugurlaryny barlaýarlar, budjetleriň taslamasyny, şertnama ylalaşyklarynyň sözlerini derňemek. Şeýlelikde bu barlag maddy, zähmet maliýe serişdeleriniň tygşytly we ýerlikli sarp edilmegine ýardam berýär.

**Gündelik –** Maliýe meýilnamalarynyň durmuşa geçirilende hojalyk ýa – da maliýe işlerini durmuşa geçirmekde ulanylýar. Mys: haryt – maddy gymmatlyklary

we pul serişdeleriniň çykdaýjy ugurlaryny we kadalarynyň ýerine ýetirilişiniň netijelerini barlamak üçin geçirilýar.

**Yzyndan gelýän** – maliýe gözegçiligi maliýe ýylynyň dowamynda hasabat tapgyryndan soň geçirilýän barlag. Mys: Kärhanada ýa – da edarada maliýe meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişine barlag geçirilýär.

Ýokarda, nygtalan maliýe gözegçiligiň 3 görnüşi yzyiderlikde, biri – biriniň soňundan geçirilýär. Bulardan başga ýörüte usullar ulanylýar – resminalaýyn we esaslanan gözegçilik.

MAZMUNY

Giriş ........................................................................8

Umumy bölüm

Bap 1. Türkmenistanda maliýe işiniň hukuk esaslary..11
§1. Maliýe işi barada düşünje. .....11
§2. Türkmenistanda maliýe ulgamy............................13
§3. Türkmenistanda maliýe işini amala aşyrýan döwlet edaralary.....................................................18

Bap 2. Maliýe hukugynyň predmeti we ulgamy……..23
§1. Maliýe hukugynyň predmeti barada umumy düşünje we onuň Türkmenistanyň hukuk ulgamynda tutýan orny..............................................23
§2. Maliýe hukugynyň ulgamy……............................32
§3. Maliýe hukugynyň çeşmeleri................................32
§4. Maliýe hukugynyň ýörelgeleri...............................36
§5. Maliýe hukugy Türkmenistanyň hukuk ulgamynda: onuň aýratynlyklary we beýleki hukuk pudaklary bilen arabaglanşyklary...................................................39

Bap 3. Maliýe hukuk kadalary we gatnaşyklary..........42
§1. Maliýe hukuk kadalary barada düşünje.................42
§2. Maliýe hukuk gatnaşyklary, onuň aýratynlygy we onuň görnüşleri...............................................48
§3. Maliýe hukugynyň subýektleri..............................52

Bap 4. Maliýe hukuk ylmy..........................................56
§1. Maliýe hukuk ylmynyň predmeti.........................56
§2. Maliýe hukuk ylmynyň metodologiýasy...............60

§3. Maliýe hukuk ylmynyň ulgamy..........................64
§4. Maliýe hukuk ylmy geçen we häzirki
döwürlerde.........................................................66

Bap 5. Daşary ýurt döwletleriniň maliýe
hukuk esaslary............................................69
§1. Daşary ýurt döwletlerde býujet hukugynyň
esaslary we ýörelgeleri.......................................69
§2. Daşary ýurt döwletlerde salgyt hukugynyň
esaslary we ýörelgeleri......................................77
§3. Daşary ýurt döwletlerde maliýe
gözegçiliginiň esaslary......................................85

Bap 6. Maliýe gözegçiligi........................................92
§1. Maliýe gözegçiligi barada umumy
düşünje.........................................................92
§2. Türkmenistanda maliýe gözegçilik
edaralary........................................................94
§3. Maliýe gözegçiliginiň görnüşleri,
şekili we ony geçirmekligiň usuly....................100